TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN DAŞARY ÝURTLAR BILEN MAÝA GOÝUMLAR BABATDA HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRMÄGE, HARYT DOLANYŞYGYNY ARTDYRMAGA ULY ÄHMIÝET BERÝÄR.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

6-njy dekabr, 2024. Belgisi 49/1615



# TÜRKMEN-TÜRK GATNAŞYKLARY ÖSÜŞIŇ AÝDYŇ ÝOLUNDA

**4-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisine gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Türkiýäniň söwda ministri Ömer Bolaty kabul etdi.**

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň döwlet Baştutanymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny hem-de türkmen halkyna rowaçlyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Şunda Türkiýäniň ýurdumyz bilen köpugurly hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýändigi bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, doganlyk ýurduň Baştutanyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de myhmany Aşgabat şäherinde Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisiniň geçirilýän günlerinde kabul edýändigine şatdygyny aýtdy. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanda yzygiderli geçirilýän bu serginiň iki ýurduň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine itergi berjek möhüm çäreleriň biridigini belläp, onuň üstünlikli geçmegini arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan üçin Türkiýe Respublikasy iň ýakyn doganlyk döwletleriň biridir. Ýurtlarymyzyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklar uzak möhletleýin, strategik häsiýete eýe bolup, özara hormat goýmak, birek-birege goldaw bermek ýörelgelerine esaslanýar. Türkmen-türk gatnaşyklary birnäçe ugurlarda, şol sanda söwda, energetika, dokma senagaty, gurluşyk ýaly pudaklarda üstünlikli alnyp barlyp, onuň gerimi yzygiderli giňeldilýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurtlarymyzyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň möhüm ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň dürli ulgamlara täze tehnologiýalary we ylmyň iň soňky gazananlaryny ornaşdyrmaga, ykdysadyýeti yzygiderli döwrebaplaşdyrmak boýunça halkara hyzmatdaşlyga aýratyn üns berýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň paýtagtymyzda geçirilýän sergisiniň iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady ugurly özara hereketleri has ýokary derejä çykarmaga, işewürlik gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmäge goşant boljakdygyna ynam bildirildi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge, şol sanda söwda dolanyşygyny artdyrmaga, gyzyklanma bildirilýän dürli ugurlarda anyk tekliplere seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Türkiýe Respublikasynyň söwda ministri Ömer Bolat birek-birege berk jan saglyk, rowaçlyk, iki ýurduň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk we abadançylyk arzuw etdiler.

## Türkmen bitaraplygy – parahatçylygyň nyşany

Ýene-de sanlyja günden güneşli Diýarymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň baýramyny toý şatlygyna, uly ruhubelentlige besläp, halkara derejesinde giňden belläp geçeris. Her ýylyň 12-nji dekabrynda Halkara Bitaraplyk gününiň bellenilmeginiň çuňňur manysy bar. Bu



sene Watanymyzyň taryhynda aýratyn orun tutýar, çünki şondan biziň Garaşsyz döwletimiziň depginli ösüşiniň täze tapgyry başlandy.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 50-nji ýubileý mejlisinde kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» ýörite Kararnama dünýä bileleşiginiň ata Watanymyzyň daşary syýasy ugruna beren ýokary bahasynyň aýdyň subutnamasydyr.

3

## Döwlet býujeti – ykdysady üstünlikleriň kepili

**Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan çuňňur oýlanyşykly syýasy, ykdysady özgertmeleriň netijesinde ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty barha pugtalanýar. Gazanylýan üstünlikler ýurdumyzyň iň täze taryhyna altyn harplar bilen ýazylýar. Diňe bir şu ýylyň dowamynda ulanmaga berlen durmuş-medeni, önümçilik we beýleki maksatly desgalar muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Şeýle üstünlikleriň gazanylmagynda her ýyl üçin kabul edilýän Döwlet býujetiniň ähmiýeti uludyr.**

**Golaýda Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň ýedinji maslahaty geçirildi. Onda «Türkmenistanyň 2025-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Kanunyň taslamasyna, «Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda» Mejlisiň kararynyň taslamasyna garaldy.**

3

## «Arkadag» topary Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyna mynasyp boldy

Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogy ugrundaky duşuşykda «Arkadag» topary bilen «Ahal» topary duşuşdy. Balkanabat şäherinde geçirilen duşuşykda «Arkadag» topary 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Eý-




ýäm 1-nji ýarymda 3-0 hasabynda öňe saýlanan «Arkadag» toparynyň gollarynyň 2-sini 14-nji we 29-njy minutlarda Şamämmet Hydyrow, beýlekisini-de 22-nji minutda Şanazar Tirkişow geçirdi.

7

## Türkmen türgenleriniň nobatdaky üstünligi

Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlary esasynda sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwrülen Watanymyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Olimpiýa hereketini, ýokary netijeli sporty ösdürmek, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgesini berkarar etmek ugrunda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Raýatlaryň sagdynlygy ýurduň we jemgyýetiň ösüşiniň wajyp şertidir. Türkmenistanda bu ulgamyň kanunçylyk we maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak babatda uly tagallalar edilýär.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň sport ulgamyny kämilleşdirmek, türkmen sportunyň dünýädäki abraýyny belende götermek, ilaty köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga çekmek, bedenterbiýe-sagaldyş hereketi arkaly sagdyn durmuş ýörelgelerini has-da ýaýbaňlandyrmak ýaly asylly maksatlardan gelip çykýan wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ýakynda Tatarystan Respublikasynyň Kazan şäherinde geçirilen guşakly göreş boýunça ulularyň arasyndaky Dünýä çempionatyny hem-de 20 ýaşa çenli ýaşlaryň arasyndaky dünýä birinjiligini Türkmenistanyň ýygyndy topary uly üstünlik bilen jemledi. 2

# Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisi

**4-6-njy dekabr aralygynda paýtagtymyzda Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisi we onuň çäklerinde Türkmen-türk işewürler geňeşiniň maslahaty geçirilýär.**

Çärä gatnaşmak üçin Türkiýäniň döwlet edaralarynyň wekillerinden ybarat uly topar, ýurdumyz bilen ozaldan hyzmatdaşlyk edip gelýän, şeýle hem täze önümleri we hyzmat ugurlary bilen türkmen bazaryna girmäge gyzyklanma bildirýän türk kompaniýalarynyň, eksportçylar birleşmeleriniň 70-den gowragynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri paýtagtymyza geldiler. Şu gezekki serginiň esasy maksady dostlukly ýurduň kompaniýalaryna türkmen bazarynda öz önümlerini tanyşdyrmak üçin amatly şertleri döretmekden we täze işewürlik mümkinçilikleri açmakdan ybaratdyr.

Üç günläp dowam etjek köpugurly sergide türk önüm öndürijileri tarapyndan eksport edilýän ýokary hilli harytlaryň giň toplumy, ýagny senagat we oba hojalyk pudaklary üçin enjamlar, ätiýaçlyk şaýlary, gurluşyk serişdeleri, hojalyk we elektronika tehnikalary, öý hojalyk harytlary, dokma önümleri görkezilýär.

Ýurdumyzda her ýylda geçirilmegi asylly däbe öwrülen sergide senagatyň dürli ugurlary boýunça Türkiýäniň ösen sebitleriniň eksportçylar birleşmeleriniň sergi diwarlyklaryna möhüm orun berlipdir. Bu sergi türkiýeli önüm öndürijileriň giň mümkinçiliklerini görkezmek bilen, ýokary tehnologiýalary, innowasion işläp taýýarlamalary, öňdebaryjy tejribeleri alyşmak üçin netijeli meýdança bolup hyzmat edýär. Eksport harytlarynyň sergisiniň çäklerinde Türkmen-türk işewürler geňeşiniň nobatdaky maslahaty hem geçirildi. Onuň esasy maksady geljek üçin ägirt uly mümkinçilikleri hasaba almak bilen, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekden ybarat boldy. Foruma gatnaşyjylar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň okgunly ösdürilmeginde bu çäräniň mö-




hüm ähmiýetini belledi̇ler. Şol gatnaşyklar soňky ýyllarda täze mazmun bilen baýlaşdyryldy. Nygtalyşy ýaly, şeýle işewürlik duşuşyklary ykdysady hyzmatdaşlygy ilerletmegiň netijeli guraly hökmünde özüni görkezdi. Iki ýurduň arasynda yzygiderli artýan söwda dolanyşygynyň möçberi hem munuň şeýledigine şaýatlyk edýär.

Türkmen tarapynyň wekilleri öz çykyşlarynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady ösüşi we gazananlary, döwlet ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny hasaba almak bilen, hyzmatdaşlygyň geljegi barada durup geçdiler. Nygtalyşy ýaly, Türkmenistanyň ykdysady ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijiler ýurdy ulgamlaýyn esasda has-da ösdürmegiň ýörelgelerine berk esaslanmak bilen, örän özüne çekiji bolup durýar. Ykdysady ösüşiň uly kuwwaty nebitgaz, ulag, gurluşyk, himiýa, energetika we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda, durmuş ulgamynda ägirt uly özgertmeleri yzygiderli durmuşa geçirmäge şert döredýär.

Türkmenistan we Türkiýe hyzmatdaşlygyň kuwwatyny okgunly artdyrýar. Soňky ýyllarda türk kompaniýalarynyň gatnaşmagynda milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynda bilelikdäki iri taslamalar üstünlikli amala aşyryldy we häzirki wagtda täzeleri durmuşa geçirilýär. Geljegi uly, ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ýokary halkara abraýa eýe bolan Türkmenistan bilen giň gerimli hyzmatdaşlygy ösdürmä-




ge gyzyklanmalaryny beýan etmek bilen, türk kompaniýalarynyň ýolbaşçylary ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilen maýa goýum taslamalaryna has-da işjeň gatnaşmak isleýändiklerini aýtdylar.

4

## Merkeliň ýatlamalar kitaby çap edildi

Germaniýanyň öňki Kansleri Angela Merkeliň «Erkinlik» atly täze ýatlamalar kitaby Kýoln şäheriniň «Kiepenheuer and Witsch» neşirýatynda çap edildi. Kitapda protestant ruhanynyň gyzy Merkeliň uly syýasata gelşi barada gürrüň berilýär.

5

## Gyş paslynda iýilmeli miwe

Beýi (behi) adam saglygy üçin örän peýdaly miweleriň biridir. Witaminleriň jemlenen ýeri hasaplanýan bu miwäniň iýmit siňdiriş agzalaryndan başlap, ýürek-damar ulgamyna çenli birnäçe peýdasy bar.

7

## Ýylyň ýeňil atletikaçylary saýlandy

Bütindünýä ýeňil atletika federasiýasy (World Athletics) ýylyň ýeňil atletikaçylaryny saýlady. Ýylyň erkek ýeňil atletikaçysy diýlip, botswanaly Letsile Tebogo, zenan ýeňil atletikaçysy diýlibem niderland Sifan Hassan saýlandy.

8

## Uly üçlügiň 2-njisi – Rafael Nadal tennis bilen hoşlaşdy

Tennis sportunyň ägirtlerinden, «Uly üçlügiň» (Big Three) 2-njisi bolan ispaniýaly Rafael Nadal professional karýerasyny tamamlady. 1986-njy ýylyň 3-nji iýunynda Malýorkanyň Manakor şäherçesinde dünýä inen Rafael Nadal 2001-nji ýyldan 2024-nji ýyla çenli professional derejede tennis oýnady.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**«Huawei» «akylly» sagat çykardy.** Hytaýyň «Huawei» kompaniýasy «akylly» goşar sagatlarynyň tanyşdyryş dabarasyny geçirdi. 18 karatlyk altyn çaýylan «Watch Ultimate Design Gold» modeliniň bahasy 3 müň dollardan gowrak. Akylly sagatlar gyzylyň gyryndysyndan ýasalan nyşana eýedir.



**Ilaty 37,5 million adama ýetdi.** Şu ýylyň 27-nji noýabrynda Özbegistanyň ilaty 37,5 million adama ýetdi. Bu barada ýurduň Statistika gullugy habar berdi. Maglumatlara laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli ýurduň ilaty 40 milliondan geçer. Soňky 30 ýylda ýurduň ýaşaýjylarynyň sany 15 million adam köpelmek bilen, ilat sany durnukly artýar.



**Bäsleşigiň ýeňijisi.** Puertorikoly 27 ýaşly Denni Mehia Romero «Dünýä jenaby 2024» bäsleşiginiň ýeňijisi boldy. Bäsleşigiň finaly Wýetnamyň Fanthýet şäherinde geçirildi. Şu ýyl bu dereje ugrunda dürli ýurtlardan 60 gatnaşyjy bäsleşdi. Denni Mehia Romero lukmançylyk ylymlarynyň bakalawry, tansçy we aýdymçydyr.



**Robot-eliň synaglaryna başlar.** «Neuralink» kompaniýasy robotlaşdyrylan eli işläp taýýarlamaga girişdi. Tehnologiýa ysmaz hassalara beýnä oturdylan implantyň kömegi bilen ony dolandyrmaga mümkinçilik berer. «Convoy» adyny alan bu taslama ysmaz adamlar üçin fiziki garaşsyzlygy gazanmaga gönükdirilendir.



**Ilkinji çişirilýän kosmos moduly.** Hytaýyň kosmos tehnologiýalary akademiýasy (CAST) orbital şertlerde çişirip bolýan kosmos kapsulasynyň ilkinji synaglaryny üstünlikli geçirdi. Ilki uçuşa goýberilende kapsula eplenen görnüşde bolup, orbita girenden soň awtomatik usulda çişýär we doly şekile gelýär.



**Özboluşly ýol gurlup başlandy.** Russiýada mobil telefonlaryň we telewizorlaryň galyndylaryndan ýol gurlup başlandy. Täze taslama esasynda ýol örtügi üçin mobil telefonlaryň plastik gabyklary we suwuk-kristal telewizorlaryň aýnalary ulanylýar. Olary ilki gaýtadan işläp, soňra ýol gurluşyk kärhanalaryna ugradýarlar.



**Çagalara gadagan edildi.** Awstraliýada 16 ýaşa ýetmediklere jemgyýetçilik torlaryndan peýdalanmagy doly gadagan edýän kanun kabul edildi. Düzgüni bozanlara 49,5 awstraliýa dollary möçberinde jerime bellendi. Gözegçilik Täze ýyldan başlap, doly gadaganlyk bir ýyldan soň güýje girer.



**Bir günde 660 müňüsi satyldy.** Hytaýyň «Redmi» kompaniýasy satuw başlanyndan soň bir günüň içinde 660 müň sany «K80» we «K80 Pro» smartfonlarynyň satylandygyny habar berdi. Kopleriň has oňaýly hasaplaýan bu smartfonlary müşderilerde uly isleg döretdi. Smartfonlaryň «K80» görnüşiniň bahasy 345 dollardan başlaýar.



**Demir ýollaryny has-da uzaltmakçy.** Saud Arabystany ýakyn ýyllarda demir ýollarynyň ulgamyny 8 müň kilometre çenli ýetirmegi maksat edinýär. Bu barada ýurduň ulag ministri Saleh ben Naser Al-Jaser mälim etdi. Häzirki döwürde Saud Arabystanynyň demir ýollarynyň uzynlygy 5,5 müň kilometrden geçýär.



**Iň garry erkek kişi aradan çykdy.** Beýik Britaniýada dünýäniň iň garry erkek kişisi Jon Tinniswud aradan çykdy. Ol 112 ýaşyndady. Tinniswud diňe ýaşlygynda işjeň bolandygyny, köp ýörändigini we her anna güni gowrulan ýeralma bilen balyk iýendigini gürrüň berdi. Hemme zatda hetdiňi bilmek onuň beren ýeke-täk maslahaty boldy.



# Gruziýanyň Premýer-ministri tassyklandy

Gruziýanyň parlamenti ýurduň Premýer-ministri wezipesine Irakli Kobakhidzeni gaýtadan tassyklady. Maslahat ýurduň iň ýokary kanun çykaryjy edarasynyň web sahypasynda göni ýaýlymda görkezildi.

– 84 adam ses berdi, saklanan ýok. Karar kabul edildi – diýip, parlamentiň başlygy Şalwa Papuaşwili ses berişligiň netijelerini jemledi.

Kobakhidze hökümet meýilnamasyny parlamente hödürlän mahaly, ýurduň Russiýa bilen pragmatik syýasaty dowam etdirmekçidigini belledi. Şeýle-de Premýer-ministr Tbilisiniň Waşington we Brýussel bilen özara gatnaşyklarynyň ýola goýulmagynyň ileri tutulýan ugurlaryň biridigini öňe sürdi.

Parlamentiň wekilleri umumy mejlisde, Kobakhidzeniň ýolbaşçylygyndaky hökümetiň täzelenen düzümine we hökümet maksatnamasyna ynam bildirdiler. Ýatlap geçsek, ýurduň parlamentiniň wekilleriniň köpüsini 26-njy oktýabrda geçirilen parlament saýlawlarynyň ne-



tijelerine görä, «Gruzin arzuwy» partiýasynyň agzalary eýeleýär. Ministrler Kabinetinde üç sany täze ministr bar: daşary işler ministri Maka Boçorişwili, adalat ministri Anri Ohanaşwili, daşky gurşawy goramak we oba hojalyk ministri Dawid Songulaşwili.

Gruziýanyň Premýer-ministri Irakli Kobakhidze hökümet meýilnamasyny tassyklatmak üçin parlamente hödürlän wagty, ýurduň 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşigine agza bolmagy maksat edinýändigini aýtdy.

– Ýewropa integrasiýasy ýolundaky ähli üstünlikler biziň ýolbaşçylygymyzyň şertlerinde gazanyldy. 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolmak biziň maksadymyzdyr – diýip, Kobakhidze belledi.

**Gruziýada täze Prezident üçin saýlawlar 14-nji dekabrda geçiriler**

Ýurduň täze Prezidenti üçin saýlawlar 14-nji dekabrda geçiriler. Bu barada ýurduň parlamentiniň umumy mejlisinde mälim edildi. Kanun çykaryjy guramanyň metbugat gullugynyň habarlaryna görä, ses berişlikde 80 deputat degişli karary goldady we garşy çykan bolmady.

Konstitusiýada kesgitlenen Gruziýanyň Prezidentini saýlamagyň täze düzgünine laýyklykda, Prezident indi ählumumy göni saýlaw bilen saýlanmaýar. Täze Prezident ilkinji gezek 300 adamdan ybarat topar tarapyndan saýlanar. Prezidenti saýlamaga täze parlamentiň 150 deputaty we sebitlerden 150 wekil gatnaşar. 2018-nji ýylda saýlanan Salome Zurabişwili Gruziýanyň bäşinji we iň soňky saýlanan Prezidenti boldy. Onuň ygtyýarlyklary 16-njy dekabrda gutarýar.

Ozal habar berlişi ýaly, 26-njy oktýabrda Gruziýada parlament saýlawlary geçirildi. Bu saýlawlarda dolandyryjy «Gruzin arzuwy – Demokratik Gruziýa» partiýasy 53,93 göterim ses alyp ýeňiş gazandy. Partiýa kanun çykaryjy edaradaky 150 orundan 89-syna eýe boldy.

# IKINJI GEZEK BELLENDI

Bütindünýä Söwda Guramasynyň Ženewadaky ştab-kwartirasynda nigeriýaly zenan Ngozi Okonjo-Iweala guramanyň başlygy wezipesine ikinji gezek bellendi. Bu karar BSG-niň Baş Geňeşiniň nobatdan daşary maslahatynda kabul edildi. Gurama täze baş direktor bellemek meselesi resmi taýdan 8-nji oktýabrda başlandy. Dalaşgär hödürlemek möhleti gutarandan soň, ikinji dört ýyllyk möhleti eýelemäge taýýardygyny tassyklan Ngozi Okonjo-Iweala bu wezipe üçin ýeke-täk dalaşgär bolup galdy. N. Okonjo-Iwealanyň ikinji möhleti 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda başlar.

Nigeriýada doglan Ngozi Okonjo-Iweala Bütindünýä Söwda Guramasyna ýolbaşçylyk edip gelýän ilkinji zenan we ilkinji afrikalydyr. Ösüş meseleleri boýunça ykdysatçy hökmünde Ngozi Okonjo-Iweala Bütindünýä Bankynda 25 ýyl dolandyryjy müdir bolup işläpdi.

Bütindünýä Söwda Guramasy – halkara söwdany liberallaşdyrmak we agza döwletleriň söwda we syýasy gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak maksady bilen 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda döredilen halkara guramadyr. BSG – bu köpçülikleýin pikir alyşmalar we gepleşikler geçirilende halkara söwdasynyň kadalary döredilýän we onuň ýolundaky päsgelçilikleri azaltmak meselelerine seredilýän forumdyr. Bu gurama 1947-nji ýylyň oktýabr aýynda Ženewada 23 ýurt



tarapyndan gol çekilen Tarifler we söwda baradaky umumy şertnamanyň mirasdüşeri bolup durýar. BSG 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda resmi taýdan esaslandyrylýar. Häzir bu guramanyň düzümine döwletleriň 160-a golaýy girýär, ýurtlaryň 25-den gowragy bolsa synçy derejesine eýedir.

# Olaf Şols dalaşgär hödürlendi

Birnäçe hepde dowam eden içerki maslahatlardan soň, Germaniýanyň Sosial-demokratik partiýasy (SPD) Kansler Olaf Şolsy geljek ýyl ýurtda geçiriljek Prezident saýlawlarynda esasy dalaşgär hökmünde hödürlemek kararyna geldi. Bu barada Olaf Şolsuň SPD-niň egindeş ýolbaşçylary Lars Klingbaýl we Zaskiýa Esken bilen bilelikde gatnaşan metbugat maslahatynda mälim edildi.

Syýasy barlaglar instituty INSA-nyň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda iň meşhur nemes syýasatçysy goranmak ministri Boris Pistoriusdyr. Muňa garamazdan, Boris Pistorius wideo ýüzlenmesinde adyny dalaşgärleriň sanawyndan aýyrýandygyny, şeýlelik bilen Olaf Şolsuň dalaşgärligine ýol açýandygyny aýtdy.

19-njy noýabrda çap edilen «Forsa» pikir soralyşygynda Germaniýanyň Sosial-demokratik partiýasy (SPD) häzirki wagtda milli goldaw derejesi boýunça garşydaş bileleşikden yza galýar. Häkimiýet başyndaky partiýany pikiri soralanlaryň bary-ýogy 15 göterimi, Hristian-demokratik (CDU) we Hristian-sosial bileleşigini (CSU) bolsa, 33 göterimi goldaýar.



16-njy dekabrda Bundestagda Kansler Olaf Şolsa bolan ynam sesi boýunça ses berişlik geçiriler. Ýurtda nobatdan daşary federal saýlawlar 2025-nji ýylyň 23-nji fewralynda meýilleşdirilýär.

# Aziýanyň ösüş bankynyň täze başlygy

Aziýa ösüş bankynyň (AÖB) Dolandyryjylar geňeşi 59 ýaşly Masato Kandany Aziýa ösüş bankynyň 11-nji başlygy wezipesine saýlady. Masato Kanda 2025-nji ýylyň 24-nji fewralynda işe başlap, bu wezipäni 2026-njy ýylyň 23-nji noýabryna çenli dowam etdirer. Ol häzirki wagtda Ýaponiýanyň Premýer-ministriniň we maliýe ministriniň ýörite geňeşçisidir.

«Masato Kandanyň halkara maliýe pudagyndaky uly tejribesi we köp ugurlarda subut edilen ýolbaşçylygy global ykdysady kynçylyklary çözmäge we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge kömek eder» diýip, bankyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Fabio Panetta aýtdy.

Maliýe hyzmatlary gullugynyň başlygynyň orunbasary, býujet býurosynyň baş müdiriniň orunbasary we syýasaty utgaşdyrmak boýunça ministriň orunbasary bolup işlän Masato Kandanyň maliýe syýasaty we makro-salgyt syýasaty boýunça möhüm tejribä eýedigi bellenýär. Şeýle hem ol bilim syýasaty, ylym reformasy, şol sanda uniwersitet reformasy boýunça öňdebaryjy bilermendir.

Ýeri gelende belläp geçsek, Aziýanyň ösüş banky garyplygy ýok etmek ugrundaky işlerini dowam



etdirmek bilen bir hatarda gülläp ösýän, inklýuziw, ýaşaýşa ukyply we durnukly Aziýa-Ýuwaş umman sebitini döretmäge tagalla edýär. 1966-njy ýylda döredilen Aziýa ösüş banky 69 ýurdy öz içine alýar, olaryň 49-sy sebitde ýerleşýär.

# Sosial-demokratik partiýasy ýeňiş gazandy

**1-nji dekabrda Rumyniýada geçirilen parlament saýlawlarynda Sosial-demokratik partiýasy 23 göterimden gowrak ses alyp, ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Merkezi saýlaw topary habar berdi. Bu saýlawlarda Rumyniýanyň raýatlary geljek 4 ýyl üçin Deputatlar palatasynyň we Senatyň agzalaryny saýladylar.**

**Maglumatlara görä, Sosial-demokratik partiýasy her iki palatada-da öňdeligi eýeläp, Senatda 23,71 göterim, Wekiller palatasynda 23,07 göterim ses aldy. Şeýle-de «Rumynlary birleşdirmek üçin bileleşik» (AUR) 17,44 göterim, «Rumyniýanyň wengrleriniň demokratik bileleşigi» (UDMR) 16,62 göterim, Milli-liberal partiýasy (NLP) 14,93 göterim ses bilen Senata girdiler. Şeýle hem 16,98 göterim bilen AUR, 16,49 göterim bilen UDMR we 14,31 göterim bilen NLP Wekiller palatasyna girdi. Wekiller we senatorlar wezipelerine 10 müňe golaý adam dalaş edýär, ýöne olaryň bary-ýogy 456-sy parlamente girer.**

**Mundan öň, 24-nji noýabrda Rumyniýada Prezident saýlawlary geçirildi. Onda sagçy syýasatçy Kelin Jorjesku birinji orny eýeledi. Ikinji orny «Rumyniýanyň halas ediş birleşigi» liberal partiýasyndan Ýelena Laskoni eýeledi. Indi Jorjesku bilen Laskoniniň gatnaşjak Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry 8-nji dekabrda meýilleşdirilýär.**



# COP16 ÖZ IŞINE BAŞLADY

2-nji dekabrda Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda Birleşen Milletler Guramasynyň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 16-njy maslahaty (COP16) öz işine başlady. Mejlisde topragy gurplandyrmak we gurakçylyga garşy göreşi ýokarlandyrmak boýunça global tagallalar barada maslahat ediler.

UNCCD COP16 Riyadh | 2024

«Biziň Ýerimiz. Biziň geljegimiz» şygary bilen geçirilýän maslahat 13-nji dekabra çenli dowam eder. Bu forum ýer ätiýaçlyklaryna bagyşlanan BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň Ýakyn Gündogarda we Demirgazyk Afrika sebitinde geçirýän ilkinji maslahatydyr.

BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça Konwensiýasynyň ýerine ýetiriji sekretary Ybraýym Tiýao maslahatyň açylyş dabarasynda eden çykyşynda ýerleri gurplandyrmagyň möhümdigi barada durup geçip, howanyň üýtgemegi, azyk howpsuzlygy, ykdysady deňsizlik, mejbury migrasiýa we global durnuksyzlyk ýaly döwrümiziň iň möhüm meselelerini çözmekde maslahatyň geçirilmeginiň möhüm bolup durýandygyny belledi. Ýerine ýetiriji sekretar 2050-nji ýyla çenli 7,5 milliard adama gurakçylygyň täsir etjekdigini belläp, gyssagly çäre görmäge çagyrdy.

Saud Arabystanynyň daşky gurşaw, suw ätiýaçlyklary we oba hojalyk ministri Abdulrahman bin Abdulmohsen Al-Fadli hem öz gezeginde 100 million gektar ýeriň, tokaýyň we öri meýdanlaryň ýaramazlaşmagy netijesinde, her ýyl 3 milliarddan gowrak adamyň ejir çekýändigini aýtdy.

Maslahatda gurakçylyga we çäge tupanlaryna garşy durmaklygy ýokarlandyrmak, topragy gurplandyrmak, 2030-njy ýyla çenli we ondan soňky döwürde tebigy ýagdaýlary nazara alyp, azyk önümçiligini giňeltmek boýunça köpçülikleýin çäreler barada karar kabul edilmegine garaşylýar.

# Antoniu Koşta wezipesine girişdi

Ýewropa Geňeşiniň başlygy we Belgiýanyň öňki Premýer-ministri Şarl Mişel öz ygtyýarlyklaryny Portugaliýanyň öňki Premýer-ministri Antoniu Koşta geçirdi we oňa Ýewropa Bileleşiginiň döwlet we hökümet baştutanlarynyň resmi ýygnaklarynda ulanylýan jaňy gowşurdy.

Koşta azyndan 2,5 ýyllap Ýewropa Bileleşiginiň iň ýokary syýasy guramasyna ýolbaşçylyk eder. Ol özüniň ilkinji çykyşynda «Dürlülikde agzybirlik» ýörelgesini dowam etdirmegi wada berdi.

– Häzirki wagtda bu globallaşan dünýäde hakyky watançylygyň, özygtyýarlylygy üpjün etmegiň ýeke-täk ýoly umumy Ýewropany gurmakdyr. Netijede, diňe bilelikde yklymymyzda howpsuzlygy, durnuklylygy we parahatçylygy gorap bileris – diýip, Antoniu Koşta belledi.

Maglumatlara görä, Koşta Ýewropa Bileleşigine agza döwletler bilen işlemek usulyny täzelemek isleýär. Portugaliýanyň öňki Premýer-ministri Koşta 1-nji dekabrda Ýewropa Komissarlarynyň täze toparynyň işe girişmegi bilen bir wagtda wezipesine girişdi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1492-nji ýylyň 6-njy dekabrynda Kolumbyň ilkinji ekspedisiýasy Gaiti adasyny açdy. Ol bu adany «Espanola» diýip atlandyrypdyr. Ispaniýaly deňiz syýahatçysy, täze ýerleri açyjy Hristofor Kolumb Amerikany açmagy bilen dünýäde tanalýar.**



# MERKELIŇ ÝATLAMALAR KITABY ÇAP EDILDI

**Germaniýanyň öňki Kansleri Angela Merkeliň «Erkinlik» atly täze ýatlamalar kitaby Kýoln şäheriniň «Kiepenheuer and Witsch» neşirýatynda çap edildi. Kitapda protestant ruhanynyň gyzy Merkeliň uly syýasata gelşi barada gürrüň berilýär. Kitabyň daşynda syýasatçy zenanyň alyslara garap duran keşbi ýerleşdirilipdir. Kitap Merkeliň syýasy geňeşçisi Beate Bauman bilen bilelikde ýazylypdyr. Kitap köp sanly suratlary, şol sanda öňki Kansleriň çagalyk suratlaryny hem öz içine alýar.**

**«Dünýäniň 30 ýurdunda neşir edilen bu kitap «biziň döwrümiziň iň täsirli syýasatçysynyň oý-pikirlerine we işine çuňňur düşünmäge ýardam berer» diýip, «Bild» neşiri ýazýar. Bu kitap tiz wagtda iň köp satylan kitaba öwrüldi. Berlinde ýüzlerçe adam awtograf almak üçin «Dussmann» kitap dükanynyň daşyna jemlendiler.**

**Merkel özüniň 700 sahypalyk ýatlamalar kitabynda, esasan, 1954-2021-nji ýyllaryň aralygyndaky wakalary – çagalygyndan başlap, tä syýasy karýerasyna we GFR-iň hökümetiniň ýokary wezipelerinde işlän döwrüne çenli geçen durmuş ýoly barada jikme-jik gürrüň berýär. Merkel eseriniň adyny düşündirmek bilen, esasy maksadynyň erkinligiň nämedigi baradaky soraga jogap bermekden ybaratdygyny aýtdy.**

**Şeýle-de ýatlamalar kitabynda dünýäniň iň täsirli adamlary bilen geçirilen duşuşyklardan we söhbetdeşliklerden hem parçalar getirilýär. Göwrümli eserde Germaniýanyň dünýä syýasatyndaky öwrülişikli pursatlary hem-de biziň häzirki günümizi kesgitlän kararlaryň kabul edilişi barada gürrüň berilýär.**

**Kansler hökmünde dünýäni aýlanyp çykan Angela Merkel indi syýahatynyň täze žanryny - edebiýat syýahatyny amala aşyrýar. Ol 2-nji dekabrda Waşingtonda ABŞ-nyň öňki Prezidenti Barak Obama bilen bilelikde täze kitabynyň tanyşdyryş dabarasyna gatnaşdy.**



# BIR GÜNDE AÝLANYP BOLÝAN ŞÄHERLER

**Käte uzak gezelenjiň dowamynda uly zatlara üns berlip, kiçijik zatlara wagt hem galmaýar. Bir günde islendik bir uly şäheriň taryhy, medeniýeti we täsinlikleri bilen tanyşmak mümkin hem däl. Munuň üçin azyndan bir hepde gerek. Syýahatçylaryň köpüsi uly şäherlere gezelenç etmegi halaýan hem bolsa, uzak syýahat adamy ýadadýar. Şol sebäpli köp ýurtlara syýahat edýän jahankeşdeler bir günde aýlanyp bolýan kiçijik şäherlere gezelenje gidenini kem görmeýärler. Uly bolmadyk şäherleri ulaga münmezden pyýada aýlanyp bolýar. Gazetimiziň şu sanynda bir günde gezelenç edip bolýan kiçijik şäherler bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

**Segowiýa, Ispaniýanyň taryhy mekany.** Madridden uzak bolmadyk aralykda ýerleşýän Segowiýa ertekileri ýadyňa salýan täsin gurluşa eýedir. Segowiýanyň ajaýyp suw akabasy, Alkasar galasy şäheriň meşhur ýerleridir. 6 müň 163 inedördül kilometr meýdany eýeleýän asuda şäheriň 52 müň ýaşaýjysy bar. Segowiýa taryhy ýerlere gezelenç etmegi halaýanlar üçin iň gowy şäherleriň biridir.

**Wilnýus, taryh bilen döwrebaplygyň birleşýän ýeri.** Litwanyň paýtagty Ýewropanyň got, barok we galkynyş döwründäki binalary bilen myhmanlary özüne çekýär. 401 inedördül kilometr meýdany eýeleýän bu şäheriň taryhy merkezi ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilendir. Wilnýus ýadygärligi, Gediminas diňi şäheriň taryhy bilen tanyşmak isleýänler üçin iň gowy ýerlerdir.

**Oslo, tebigatyň ylham çeşmesi.** Norwegiýanyň paýtagty Oslo tebigy gözellikleri we medeni baýlyklary bilen syýahatçylary özüne çekýär. Munç muzeýi we Wiking gämi muzeýi şäheriň medeni mirasyny öwrenmek isleýänler üçin iň esasy ýerlerdir. 454 inedördül kilometr meýdany bolan bu şäherde daş-töweregi tokaýa bürenen birnäçe myhmanhana we seýilgähler bar. Bygdoý ýarym adasy gezelenç etmek üçin şäheriň iň owadan ýeri hasaplanýar.



Brýugge, Belgiýa.

**Dubrownik, Adriatikanyň bezegi.** Horwatiýanyň bu şäheri ertekileri ýadyňa salýan binagärlik gurluşy bilen adamy orta asyr şäherlerine syýahata alyp gidýär. Şäheriň esasy girelgesi bolan Pile derwezesinden başlanýan gezelenç Luza meýdançasyna çenli dowam edýär. 142,6 inedördül kilometr meýdany tutýan bu şäherde deňiz kenaryndaky açyk restoranlarda medeniýetli dynç alyp, şäheriň rahatlygyny duýup bolýar.

**Brýugge, Orta asyr binagärliginiň yzlary.** Ýewropanyň iň romantik şäherleriniň biri bolan Brýugge got döwründe gurlan binalary, kanallaryň boýundan uzalyp gidýän özüne çekiji köçeleri we Grote Markt meýdançasy bilen syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirler galdyrýar. 138 inedördül kilometr meýdany eýeleýän Belgiýanyň bu owadan şäherinde gaýykly gezelençleri gurap, binagärlik gurluşy bilen ýakyndan tanşyp bolýar.

**Rotterdam, arhitektura täsinlikleriň şäheri.** Niderlandlaryň häzirki zaman ýüzi hasaplanýan Rotterdam özboluşly binagärlik gurluşy bilen tapawutlanýar. 319,35 inedördül kilometr meýdany bolan bu şäherde derýada gaýykly gezelençleri gurap, owadan tebigatda dynç alyp bolýar. Mundan başga-da, Rotterdamda welosipedli gezelençleri gurap, häzirki zaman çeperçilik galereýalaryndaky sungat eserleri bilen tanşyp bolýar.

**Gýoteborg, Demirgazykdaky asuda şäher.** Şwesiýanyň özüne çekiji bu şäheri taryhy binalary we medeni baýramçylyklary bilen kopleriň ünsüni özüne çekýär. Roda Sten sungat merkezi şäheriň iň köp myhmanly ýerleriniň biri bolup, bu ýerde aýdym-saz festiwallary geçirilýär. 447,88 inedördül kilometr meýdany eýeleýän bu şähere tomus aýlarynda has köp syýahatçy barýar.

# Gyş paslynda iýilmeli miwe



**Beýi (behi) adam saglygy üçin örän peýdaly miweleriň biridir. Witaminleriň jemlenen ýeri hasaplanýan bu miwäniň iýmit siňdiriş agzalaryndan başlap, ýürek-damar ulgamyna çenli birnäçe peýdasy bar. Güýz paslynda ýetişýän we ýaz paslyna çenli zaýalanman saklanýan bu miweden terligine iýmek bilen bir hatarda, şerbet, mürepbe, marmelad taýýarlap bolýar. Beýi gadymy döwürlerden bäri halk lukmançylygynda ulanylyp gelinýän miweleriň biridir. Agajyň ýapragy, miwesi we çigidi derde derman hasaplanýan bu miwe gyş paslynda iýmeli miweleriň biridir.**

☑ Beýiniň düzüminde erkin radikallara garşy göreşýän güýçli antioksidantlar bar. Bu antioksidantlar öýjükleriň zaýalanmagynyň öňüni alyp, dowamly kesellerden goraýar. Almalar maşgalasyna degişli bu miwe wagtyndan öň garramagy gijikdirýär, şeýle hem deriniň çeýe hem ýaş görünmegini üpjün edýär. Çişme howpuny azaldyp, bedeniň alyş-çalyş işini goldaýar. Beýi ýürek ýetmezçiliginiň hem dermany hasaplanýar.

☑ Daşy tüýjümek miwede saklanýan süýüm aşgazanyň işini ýeňilleşdirip, iýmit siňdiriş ulgamynda döreýän dürli bozulmalaryň öňüni alýar. Hünärmenler aşgazan-içege ulgamyndan ejir çekýänlere beýi iýmegi maslahat berýärler. Beýiniň köşeşdiriji täsiriniň bardygy sebäpli, çagalaryň we göwreli zenanlaryň iýmeli miweleriniň biri hasaplanýar.

☑ Beýi holesteriniň derejesini peseldip, gan basyşyny kadalaşdyrmak arkaly ýürek saglygyny goraýar. Bu miwe gipertoniýanyň öňüni alyp, ýürek kesellerniň döremek howpuny azaldýar. Beýini yzygiderli iýmek damarlardaky gan aýlanyşy gowulandyryp, ýürek bilen bagly çynlakaý ýagdaýlaryň öňüni alýar.

☑ Beýi antibakterial häsiýetli komponentleri öz içine alýar. Geçirilen barlaglarda beýiniň zyýanly bakteriýalaryň ösüşini togtadýandygy we aşgazan ýarasyna sebäp bolýan bakteriýalara garşy göreşýändigi ýüze çykaryldy. Bulardan başga-da, beýidäki C witamini sowuklama we beýleki ýokançlyklara garşy immuniteti güýçlendirmäge ýardam edýär.

☑ Irki döwürlerde beýiniň çigidi we ýapraklary ýaralary bejermekde ulanylypdyr. Şu günki günde hem beýhi melhemleri lukmançylykda deriniň täzelenmegini çaltlandyrmak, ýanyk yzlaryny aýyrmak we ýaralaryň wagtynda bitmegi üçin peýdalanylýar. Çalaja turşumtyk tagamly bu miwe demgysmanyň öňüni alýar. Beýiden taýýarlanan melhemler burunda döreýän gijilewügi, saçyň dökülmegi ýaly alamatlary azaltmaga ýardam edýär.

# Kimçi – koreýleriň syrly işdäaçary

**Her halkyň özüne mahsus nusgalyk tagamlarynyň bolşy ýaly, koreýler hem dünýäniň aşpezçilik sungatyna özboluşly tagamlary bilen goşant goşupdyr. Koreý aşhanasy diýlende köpler, ilki bilen, kimçi işdäaçarynyň adyny tutýar. Koreý aşhanasynyň iň naýbaşy tagamlarynyň biri bolan kimçi saglyk üçin iň peýdaly işdäaçarlaryň biri hasaplanýar. Eýsem, «koreý aşhanasynyň täji» hasaplanýan bu işdäaçaryň syry nämede? Bu işdäaçar hakykatdanam peýdalymy?**

Kimçiniň dürli görnüşi bar. Bu görnüşler işdäaçara goşulýan gök-bakja önümlerine görä üýtgeýär. Däp bolşy ýaly, bu işdäaçara duzlanan napa kelemi (hytaý kelemi), turp, ter hyýar, käşir, ýaş sogan, sarymsak, zenjebil, zeýtun ýagy, gyzyl burç, sirke, künji, şeker, süýji tüwi uny we gaýa duzy goşulýar. Adatça kimçi taýýarlamak bir gün wagt alýar. Ilki bilen ýumşak hem uzyn ak baldakly napa kelemi 6 sagat töweregi duzly suwda saklanýar. Duzly suw kelemdäki bakteriýalaryň ösmeginiň öňüni alyp, ysyny aýyrýar we ýumşak bolmagyny üpjün edýär. Kelem duzly suwdan çykarylyp, suwy syrygyp doly akýança goýulýar we gyzyl burç, sirke we zeýtun ýagy bilen marinad edilýär. Soňra tüwi unundan bulamak taýýarlap, içine külke gyzyl burç goşulýar. Uly jamyň içine inçe dogralan turpy, hyýary, ýaş sogany we käşiri atyp, gaýa duzuny sepmeli. Duzlanandan soň gök önümleriň üstüne sarymsak, zenjebil we gyzyl burçly



goýaltmany guýmaly. Soňra kelemi dörtden bir bölege bölüp, ýapraklarynyň arasyna jamdaky gök önümli goýaltmany sürtüp çykmaly. Kelem gök önümler bilen mazaly alşandan soň, agzy ýapyk gaba salyp, otag temperaturasynda 24 sagat goýmaly. Işdäaçar 3-4 gün geçse, has tagamly bolýar. Taýýar bolan işdäaçary sowadyjyda 2 aýlap, gaplanan görnüşde 1 ýyla çenli saklap bolýar.

Kimçi az kaloriýaly iýmit bolsa-da, probiotiklere, witaminlere we antioksidantlara baýdyr. Duza ýatyrylan hytaý keleminden taýýarlanýan bu iýmit immuniteti güýçlendirýär hem-de agramy kadaly derejede saklamaga ýardam edýär. Işdäaçardaky C we K witamini süňkler üçin peýdaly bolmak bilen bir hatarda, iýmit siňdiriş ulgamyny goldaýar. Kimçi işdäaçaryndaky peýdaly maddalar holesteriniň derejesini peseldip, ýürek saglygyny goldaýar we gandaky şekeri kadaly derejede saklamaga ýardam edýär. Koreýleriň dünýä meşhur bolan bu işdäaçaryny, esasan, gyş paslynda iýmek maslahat berilýär.

## ÇAGALAR

**Garynjalar öz agramyndan 10-50 esse agyr ýüki göterip bilýärler. Işeňňir jandarlar bir günde ortaça 4-6 kilometr ýol geçýärler.**

# ABRAKADABRA
# JADYLY SÖZÜŇ TARYHY



**Abrakadabra! Jadynyň nyşanyna öwrülen bu söz diňe bir gözbagçylar tarapyndan ulanylman, eýsem, arzuwlaryňy amala aşyryjy gudratly söz hökmünde çagalar tarapyndan hem ulanylýar. Köpler müňlerçe ýyllyk taryhy bolan bu sözüň şypa beriji häsiýetiniň bardygyna, erbet güýçlerden goraýandygyna ynanýar. Dürli emelleri görkezýän gözbagçylar täsin bir ýagdaýyň ýüze çykmagy üçin «abrakadabra» diýip gygyrýar. Şeýlelikde, düýbünden bolmajak bir görnüş köpçüligiň öňünde peýda bolýar. Mysal üçin, şlýapanyň içinden towşanjygyň gulagyny üşerdip çykmagy, ýüzi şekilli kartlaryň hemmesiniň birmeňzeş açylmagy we ş.m.**

**Abrakadabra arameý dilindäki «avra kehdabra» söz düzüminden gelip çykyp, «aýdyşym ýaly edýärin, diýşim ýaly döredýärin» diýen manylary berýär. Taryhyň dowamynda bu söz beýleki dillere-de geçip, gudratly söz hökmünde ynanja öwrülipdir.**

**Abrakadabra sözi ilkinji gezek II asyrda rim lukmany Kwintus Serenus Sammonikusyň «Liber Medicinalis» kitabynda agzalyp geçilýär. Bu kitapda lukman abrakadabranyň piramida görnüşde ýazylmalydygyny aýdyp, näsagyň boýnundan asylmalydygy baradaky pikiri öňe sürýär. Lukman bu sözi gyzzyrma keseline garşy ulanypdyr.**

**XVII asyra çenli bu sözüň lukmançylykda ulanylandygyna garamazdan, soňlugy bilen abrakadabra teatr sungatyna aralaşýar. Gözbagçylar teatrda dürli emelleri ulanyp, halky güýmänlerinde bu sözi aýdyp başlaýarlar. Teatrda ilkinji gezek bu söz 1812-nji ýylda Wilýam Tomas Monkrif tarapyndan spektaklda ulanylýar. Abrakadabra sözüniň aýdylyşy we eşidilişi tomaşaçylarda jadyly bir pursada garaşýan ýaly duýgyny döredýär. Bu söz häzirki döwrüň gözbagçylyk sungatynyň hem iň meşhur jümleleriniň biridir.**



# Gyş ukusyna gidýän jandarlar

Köp jandar üçin gyşda ýeterlik iýmit tapmak kyn bolýar. Şol sebäpden olaryň köpüsi gyşyna uka gidýärler. Haýwanlaryň energiýasyny tygşytlamak we gyşda artykmaç iýmitlenmezden ýaşamak üçin ýürek urşuny haýallatmagyna «gyş ukusy» diýilýär. Käbir jandarlar gyşlaýan wagtynda hereketini haýalladýan bolsa, käbirleri süýji uka gidýärler. Uklaýan wagtynda olaryň bedeniniň gyzgynlygy peselýär we ýürek urşy haýallaýar. Şeýle jandarlar güýzüne has köp iýmitlenip, bedeninde has köp ýag emele gelýär. Bu ýag jandar uzak wagt uka gideninde bedeni üçin iýmit bolup hyzmat edýär. Ýagyň iki görnüşi bar - adaty ak ýag we goňur ýag. Goňur ýagy bolan haýwanyň



beýnisiniň, ýüreginiň we öýkeniniň işi örän peselýär. Oýanmagyň wagty gelende, bu synalary gaýtadan kadaly ýagdaýda işläp başlaýar.

Gemrijiler, kirpi, aýy, pyşbaga, ýarganat, gurbaga ýaly jandarlar çuň uka gidýärler. Süýdemdirijiler, süýrenijiler, ýerde-suwda ýaşaýanlar we hatda käbir mör-möjekler gyşy uklap geçirýärler. Aýylar gyş ukusyna gidýän jandarlaryň arasynda has belli bolsalar-da, olar hem diňe sowuk wagty ýatýarlar. Günorta-gündogar Aziýanyň yssy howa şertlerinde ýaşaýan aýylar uklamaýarlar. Sebäbi olar ýylyň dowamynda bol iýmitli ýerde ýaşaýarlar. Kirpi, ýarganat ýaly jandarlar her ýylyň oktýabr-noýabr aýyndan aprel-maý aýyna çenli uklaýarlar. Gemrijileriň käbir görnüşi güýzde ýygnan iýmitini gyşa saklaýar. Käbir mör-möjekler hem gyşyna uklaýarlar. Arylaryň käbir görnüşi ýeriň aşagynda hin gazyp, gyşy şol ýerde geçirýär.

# Garynjalar dynç alýarmy?

**Janly-jandarlaryň ählisi hem gije-gündiziň belli bir wagtynda dem-dynç alýar. Emma gijesine hem hereket edip ýören garynjalary göreniňde: «Be, bular haçan dynç alýarka?» diýen sorag ýüze çykýar. Dogrudan hem, «Garynja gara günde...» diýlişi ýaly, bu kiçijik möjekler gije-gündiz hereketde. Eýsem, bu işeňňir jandarlar haçan dynç alýarka?!**

Garynjalar uly maşgala bolup ýaşap, edilmeli işleri öz aralarynda bölüşýärler. Ýagny her bir garynjanyň öz wesipesi bar. Etmeli işini birkemsiz ýerine ýetirýän bu jandarlar uklamak üçin sessiz we howpsuz ýere – hinlerine girýärler we bir-iki sagat dynç alýarlar. Dynç alýan ga-



rynjalaryň etmeli işlerini «doganlary» ýerine ýetirýär. Adatça, garynjalar gijesine köpräk işläp, gündizine dynç alýarlar. Esasan hem, tomus paslynda garynjalar gündizine ýeriň aşagyndaky salkyn öýünde dynç alyp, gijesine işe başlaýarlar. Garynjalar käte agaçlaryň gabyklarynyň arasynda, ot-çöpüň arasynda hem dynç alýarlar. Garynjalar iýmit daşamak üçin çeken ýolundan hatar bolup ýöräp, biri-biri bilen habarlaşyp gidýärler. Haçanda käbir garynjanyň hereketi haýallap ýadap başlasa, beýlekiler onuň ýüküni äkidýärler. Ýadaw garynja bolsa, dynç almak üçin amatly ýere geçýär.

Garynjalar gyş ukusyna hem gidýärler. Bu jandarlaryň käbir görnüşi güýz paslynda has köp iýmitlenip, gyşda uklaýan bolsa, käbiri gyş paslyny tomusda ýygnap goýan iýmitini iýip geçirýär. Garynjalar howanyň ýylylygy 10 derejeden pese düşende hinlerine we agaçlaryň gabygynyň aşagyna girýärler. Adatça, garynjalar noýabr aýlarynda hininiň gapysyny ýapyp, mart-aprel aýynda hinlerinden çykýarlar.

**Labirint**



**7 tapawudy tapyň!**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Jandarlara öýlerine barmaga kömek ediň!**



**Şekilli sudoku**

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



**Gyzykly pursat**



## «Arkadag» topary Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyna mynasyp boldy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**2-nji ýarymda «Ahalyň» ýeke-täk goluny bolsa 75-nji minutda Yslam Annamyradow öz adyna ýazdyrdy. Şeýlelikde, «Arkadag» topary çempionlykdan soň Naýbaşy Kubogyny hem gazanmagy başardy. «Arkadag» topary ilkinji gezek 2005-nji ýylda gowşurylan Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyny eýelän 7-nji topar boldy.**

**2014-nji ýylda bu kubogy gazanan «Ahal» mundan öň 2015-nji, 2018-nji hem-de 2020-nji ýyllarda Naýbaşy Kubogyny almak ugrundaky duşuşykda ýeňlipdi.**





## 32-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi

**Futbol boýunça ýurdumyzyň milli çempionatynyň jemleýji tapgyrynyň, ýagny 32-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Oýnalan 3 duşuşykda 13 gol hasaba alnyp, 2 oýunda ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi.**

Çempion «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Merw» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Çempion topara nobatdaky gezek uly hasaply ýeňiş getiren gollary 21-nji minutda Didar Durdyýew, 32-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Begmyrat Baýow, 61-nji we 73-nji minutlarda Şanazar Tirkişow hem-de 65-nji minutda Begenç Akmämmedow geçirdi.

5 gol geçirilen başga bir oýunda 2-nji ýerde barýan «Ahal» topary myhmançylykda «Şagadamdan» 4–1 hasabynda üstün çykdy. Her ýarymda 2 gol salan «Ahal» toparynyň adyndan Elman Tagaýew, Daýanç Meredow, Magtymberdi Berenow hem-de Meýlis Diniýew dagy tapawutlandy. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny bolsa Röwşen Baýlyýew öz adyna ýazdyrdy.

Paýtagtymyzda oýnalan «Aşgabat» bilen «Nebitçi» toparlarynyň arasyndaky duşuşykda ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. 6-njy minutda Orazaly Begnazarowyň goly bilen öňe saýlanan «Aşgabat» toparynyň derwezesinden hasaby deňlän goly 34-nji minutda Emir Berdiýew geçirdi. «Aşgabat» toparyna ýeňiş getiren goly 90+6-njy minutda Didar Didarow derweze girizdi. Soňky sekuntlarda 1 utugy elden gideren «Nebitçi» toparynda 27-nji minutda Şöhrat Aýdogdyýew gyzyl kart aldy. Şunlukda, bu ýeňişden soň «Aşgabat» topary bir basgançak beýgelip, 6-njy orna çykdy. «Nebitçi» bolsa 7-nji orna düşdi.

Çempionatda ýene-de 4 duşuşyk galyp, olaryň ählisi hem wagty soňa süýşürilen duşuşyklardyr. Galan 4 duşuşykda «Altyn asyr» topary «Arkadag», «Ahal», «Aşgabat» hem-de «Köpetdag» toparlary bilen duşuşar.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» (Ç) | 29 | 29 | 0 | 0 | 143-20 | 87 |
| 2 | «AHAL» | 29 | 22 | 1 | 6 | 68-28 | 67 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 26 | 18 | 2 | 6 | 65-28 | 56 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 30 | 13 | 1 | 16 | 40-51 | 40 |
| 5 | «MERW» | 30 | 11 | 2 | 17 | 21-60 | 35 |
| 6 | «AŞGABAT» | 29 | 8 | 4 | 17 | 26-56 | 28 |
| 7 | «NEBITÇI» | 30 | 8 | 3 | 19 | 28-64 | 27 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 29 | 4 | 5 | 20 | 18-65 | 17 |

## Libertadores Kubogynyň täze çempiony



**Günorta Amerikanyň Çempionlar Ligasy bolan Libertadores Kubogy ýaryşynda çempion belli boldy.**

Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýres şäherindäki meşhur «Monumental» stadionynda oýnalan finalda 2 brazil kluby – «Atletiko Mineiro» bilen «Botafogo» toparlary duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýnuň eýýäm 2-nji minutynda «Botafogodan» Gregore eden gödek hereketi üçin gyzyl kart aldy. Oýnuň başynda 1 oýunçy kem galandygyna garamazdan, «Botafogo» topary 35-nji minutda Luis Henrikeniň goly esasynda hasaby açdy. Oýnuň 44-nji minutynda Aleks Telles penaltini dürs urup, hasaby 2–0-a çykardy.

2-nji ýarymyň başynda Eduardo Wargas (47) aratapawudy 1 gola düşürse-de, olara hasaby deňlemek ýa-da öňe saýlanmak başartmady. Duşuşygyň 90+7-nji minutynda bolsa Junior Santos 3-nji pökgini «Atletiko Mineironyň» derwezesinden geçirip, oýna soňky nokady goýdy. Bu onuň ýaryşdaky 10-njy goly bolup, ol iň köp gol salan oýunçylaryň sanawynda birinji orny eýeledi. Şunlukda, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Botafogo» topary taryhynda ilkinji gezek Libertadores Kubogynyň ýeňijisi boldy.

«Botafogo» topary bu kubogy eýelän 27-nji klub, şol bir wagtyň özünde-de 12-nji brazil kluby hökmünde hasaba alyndy. «Botafogo» topary geljek ýylky FIFA Klublar arasy Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanan iň soňky klub boldy.



### HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*6-njy dekabr (anna)*

Inter – Parma (22:30)
Lill – Brest (23:00)
PSW – Twente (00:00)
Ştutgart – Union Berlin (00:30)
**Atalanta – Milan (00:45)**
Oser – PSŽ (01:00)

*7-nji dekabr (şenbe)*

**Ewerton – Liwerpul (17:30)**
Baýer – Sankt-Pauli (19:30)
Bawariýa – Haýdenhaým (19:30)
K. Palas – Man. Siti (20:00)
Betis – Barselona (20:15)
**Ýuwentus – Bolonýa (22:00)**
**Man. Ýunaýted – N. Forest (22:30)**
Borussiýa M – Borussiýa D (22:30)
Žirona – Real Madrid (01:00)

*8-nji dekabr (ýekşenbe)*

AZ – Aýaks (18:30)
Fulham – Arsenal (19:00)
Atletik – Wilýarreal (20:15)
**Beşiktaş – Fenerbahçe (21:00)**
Krasnodar – Lokomotiw (21:00)
**Tottenham – Çelsi (21:30)**
**Napoli – Lasio (00:45)**
Sent-Etien – Marsel (00:45)
Atletiko – Sewilýa (01:00)

## Çempionyň möwsümdäki 9-njy ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 23-nji ýaryşy Kataryň Lusail şäherinde geçirildi. 57 aýlawdan ybarat ýaryşda mundan öňki bäsleşikde yzly-yzyna 4-nji çempionlygyny yglan eden «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiji boldy. Ol pellehana 1 sagat 31 minut 5,323 sekuntda gelmegi başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 9-njy, karýerasy boýunça-da 63-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.



Ýaryşda ýeňijiden 6,031 sekunt yza galan monakoly Şarl Lekler («Ferrari») 2-nji ýeri, 6,819 sekunt soň pellehana gelen awstraliýaly Oskar Piastri («McLaren») 3-nji ýeri eýeledi. 1-nji hatardan bat alan «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell ýaryşy 4-nji bolup tamamlamagy başardy.

Fransiýaly Pier Gasliniň («Alpine») 6-njy bolan ýaryşynda ispaniýaly sürüjiler – Karlos Saýns Junior («Ferrari») hem-de Fernando Alonso («Aston Martin») 7-8-nji orunlary eýelediler.

Esasy ýaryşdan 1 gün öň geçirilen sprint bäsleşiginde «McLaren» toparynyň sürüjileri – Oskar Piastri bilen Lando Norris 1-2-nji orunlara mynasyp boldular. Jorj Rassell 3-nji ýeri eýelese, «Ferrari» toparynyň pilotlary Karlos Saýns Junior bilen Şarl Lekler 4-5-nji orunlary paýlaşdylar.

**«McLaren» 26, «Ferrari» 16 ýyldan bäri çempion bolanok**

Sürüjileriň arasynda çempionyň belli bolmagyndan soň ähli ünsler toparlaryň arasyndaky çempionlyga öwrüldi. Möwsümiň tamamlanmagyna 1 ýaryş galanda, sanawyň lideri «McLaren» topary bilen «Ferrari» toparynyň arasynda ýiti göreş dowam edýär. «McLaren» toparynyň 640, «Ferrari» toparynyň bolsa 619 utugy bar. «McLaren» topary 1998-nji, «Ferrari» bolsa 2008-nji ýyldan bäri çempion bolup görmedi. «Ferrari» topary 16 çempionlyk bilen sanawyň başyny çekýär. «McLaren» toparynyň 8 çempionlygy bolup, ol 3-nji orny «Mercedes» bilen paýlaşýar. Soňky 2 ýylyň çempiony, umumylykda 6 çempionlygy bolan «Red Bull» topary möwsümi 3-nji orunda tamamlar.

F1-de 75-nji möwsümiň iň soňky ýaryşy, 24-nji Gran Prisi 8-nji dekabrda BAE-niň paýtagty Abu Dabidäki «Yas Marina» trassasynda geçiriler.

## Ýylyň ýeňil atletikaçylary saýlandy

Bütindünýä ýeňil atletika federasiýasy (World Athletics) ýylyň ýeňil atletikaçylaryny saýlady. Ýylyň erkek ýeňil atletikaçysy diýlip, botswanaly Letsile Tebogo, zenan ýeňil atletikaçysy diýlibem niderland Sifan Hassan saýlandy.

21 ýaşyndaky Tebogo Olimpiýa oýunlarynda 200 metre ylgamakda ýurduna ilkinji altyn medalyny gazandyrypdy. Ol toparlaýyn 4x400 metr estafeta ylgawynda-da ýurdunyň bürünç medal gazanmagyna uly goşant goşupdy. Botswanaly sprinter norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen, şwesiýaly Armand Duplantis, ekwadorly Braýan Pintado, gresiýaly Miltiadis Tentoglu, efiopiýaly Tamirat Tola ýaly ýylyň dowamynda dürli ugurlarda özüni görkezen türgenlerden öňe saýlanmagy başardy.

Asly efiopiýaly 31 ýaşyndaky Sifan Hassan Pariž 2024-de marafon ylgawynda altyn, 5000 we 10000 metre ylgamakda-da bürünç medallary gazanypdy. Ol bu baýragy Niderlandlardan alan ilkinji zenan türgen boldy. Hassan amerikaly Sidni MakLaflin-Lewron, ukrainaly Ýaroslawa Maguçih, keniýaly Rut Çepngetiç, Seýntlusialy Julien Alfred, belgiýaly Nafissatu Tiam dagydan köp ses aldy.






Şeýle-de, zenanlaryň arasynda trekde (ylgaw ýodasy) ýylyň iň ökde türgeni diýlip, amerikaly ylgaýjy Sidni MakLaflin-Lewron, ýylyň meýdançadaky iň ökde türgeni diýlibem beýikligine bökmekde ençeme ýyllyk dünýä rekordyny täzelän ukrainaly Ýaroslawa Maguçih baýraga laýyk görüldi. Stadionyň daşyndaky iň gowy ýeňil atletikaçy baýragyna-da Sifan Hassan mynasyp boldy.

Erkekleriň arasynda trekdäki iň ökde türgen hökmünde Letsile Tebogo, meýdançadaky iň ökde türgen hökmünde-de syrykly bökmegiň ägirdi Armand Duplantis ykrar edildi. Stadionyň daşyndaky iň gowy ýeňil atletikaçy baýragy efiopiýaly marafon ylgaýjysy Tamirat Tola berildi.

Zenanlaryň arasynda efiopiýaly Sembo Almaýew, erkekleriň arasynda-da Mattia Furlani ýylyň ösüp barýan ýyldyzy baýraklaryna laýyk görüldi.

## «Mançester Siti» 7 oýundan soň ýeňiş gazandy

Angliýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda sanawyň lideri «Liwerpul» öz meýdançasynda soňky 4 ýylyň çempiony «Mançester Sitini» 2–0 hasabynda ýeňdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Liwerpula» ýeňiş getiren gollary 12-nji minutda Gakpo bilen 78-nji minutda penaltiden Salah geçirdi. Bu «Liwerpulyň» soňky özara 5 duşuşykda «Mançester Sitini» ilkinji ýeňşidir. Noýabr aýyny ýeňişsiz tamamlanan «Mançester Siti» topary 7 oýundan bäri ýeňiş gazanyp bilenok. Şeýle-de, «Mançester Siti» 2008-nji ýyldan bäri ilkinji gezek çempionatda yzly-yzyna 4 oýunda ýeňlişe sezewar boldy. Guardiolanyň tälimçiliginde bolsa şeýle statistika ilkinji gezek bellige alynýar.



Tälimçisini täzelän «Mançester Ýunaýted» çempionatda Amorimiň ýolbaşçylygynda ilkinji ýeňşini gazanyp, mankunianlar öz meýdançasynda «Ewertondan» Reşfordyň (2) hem-de Zirkzeeniň (2) gollary esasynda 4–0 üstün çykdy. London derbisinde «Arsenal» myhmançylykda «West Hamy» 5–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Gollaryň ählisi hem 1-nji ýarymda derweze girizildi. Soňky 12 ýylda şeýle hasabat ilkinji gezek bellige alnyp, «Arsenalyň» gollaryny Gabriel, Trossar, Edegor, Hawerts hem-de duşuşygyň ýyldyzy Saka geçirdi. «Çelsi» bolsa öz meýdançasynda «Aston Willanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi.

«Wulwerhempton» — «Bornmut» duşuşygynda myhmanlar 4–2 hasabynda ýeňiş gazandy. «Bornmut» toparynyň gollarynyň 3-sini penaltiden Jastin Kluiwert geçirdi. Ol «Premier Ligada» 1 oýunda penalti gollary bilen het-trik eden ilkinji oýunçy boldy. Şeýle-de, «Bornmutyň» 3 penaltisini hem toparyň hüjümçisi Ewanilson gazandyryp, ol APL-de şeýle statistika ýeten ilkinji oýunçy hökmünde hasaba alyndy. «Brentford» topary-da öz meýdançasynda «Lester Sitini» 4–1 hasabynda ýeňip, oýunda ýer eýelerinden Şade 3 goly derweze girizdi.





«Premier Ligada» 14-nji tapgyryň duşuşyklary hem geçirilip, «Arsenal» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» goragçylary Timber hem-de Salibanyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. Sanawyň lideri «Liwerpul» myhmançylykda «Nýukasl» bilen duşuşyp, soňky minutda ýeňşi elden giderdi. 3–3 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda «Nýukaslyň» gollaryny Isak (35), Gordon (62) hem-de Şer (90), «Liwerpulyň» gollaryny bolsa Jons (50) bilen Salah (68, 83) geçirdi. Gollarynyň sanyny 13-e ýetiren Mohamed Salah iň köp gol salanlaryň sanawynda Holanndan öňe geçdi. 7 oýundan bäri ýeňşe zar bolan «Mançester Siti» ahyry 3 utugy almagy başardy. Öz meýdançasynda «Nottingam Foresti» 3–0 hasabynda ýeňen şäherlileriň gollaryny Bernardo Silwa, De Bruýne hem-de Doku öz atlaryna ýazdyrdylar. Londonyň «Çelsisi» myhmançylykda «Southemptony» 5–1 hasabynda ýeňdi. «Wulwerhemptony» 4–0 hasabynda ýeňen «Ewertonyň» 2 goluny myhman toparyň goragçysy Kreýg Dawson ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden geçirdi.

### PREMIER LEAGUE (14) — 30 gol

**Ipswiç—K. Palas: 0–1** (Mateta 60), **Lester Siti—West Ham: 3–1** (Wardi 2, El-Hannus 61, Daka 90+1 — Füllkrug 90+3), **Ewerton—Wulwerhempton: 4–0** (Ýang 10, Mangala 33, Dawson 49 ö.d., 72 ö.d.), **Man. Siti—N. Forest: 3–0** (Bernardo Silwa 8, De Bruýne 31, Doku 57), **Arsenal—Man. Ýunaýted: 2–0** (Timber 54, Saliba 73), **Southempton—Çelsi: 1–5** (Aribo 11 — Disasi 7, Nkunku 17, Madueke 34, Palmer 77, Sanço 87), **Aston Willa—Brentford: 3–1** (Rojers 21, Watkins 28 p, Keş 34 — Damsgor 54), **Nýukasl—Liwerpul: 3–3** (Isak 35, Gordon 62, Şer 90 — Jons 50, Salah 68, 83), **Fulham—Braýton, Bornmut—Tottenham**

### LA LIGA (15) — 30 gol

**Malýorka—Walensiýa: 2–1** (Larin 45+3, Prats 81 — Rioha 32 p), **Barselona—Las Palmas: 1–2** (Rafinýa 61 — Ramires 49, Fabio Silwa 67), **Alawes—Leganes: 1–1** (Wisente 87 — O. Rodriges 67), **Espanýol—Selta: 3–1** (Kardona 40, Kabrera 53, Şeddira 87 — Ýago Aspas 82 p), **Walýadolid—Atletiko: 0–5** (Langle 26, Alwares 35, De Paul 37, Grizmann 54, Sörlot 90+2), **Wilýarreal—Žirona: 2–2** (Barri 23, Baena 46 — Wan de Beek 66, Kreýçi 90+7), **Real Madrid—Hetafe: 2–0** (Bellingam 30 p, Mbappe 38), **R. Wallekano—Atletik: 1–2** (Nteka 14 — Sanset 65, 78), **R. Sosiedad—Betis: 2–0** (Llorente 14 ö.d., Oýarzabal 31 p), **Sewilýa—Osasuna: 1–1** (Lukebakio 72 — Budimir 69)

### SERIE A (14) — 20 gol

**Kaliari—Werona: 1–0** (Pikkoli 75), **Komo—Monza: 1–1** (Engelhardt 36 — Kaprari 53 p), **Milan—Empoli: 3–0** (Morata 19, Reýnders 44, 69), **Bolonýa—Wenesiýa: 3–0** (Ndoý 21 p, 71, Orsolini 69 p), **Udineze—Jenoa: 0–2** (Pinamonti 13, Janetti 68 ö.d.), **Parma—Lasio: 3–1** (Man 6, Haj Mohamed 53, Del Prato 90+1 — Kastelýanos 81), **Torino—Napoli: 0–1** (MakTomineý 31), **Leçce—Ýuwentus: 1–1** (Rebiç 90+3 — Kambiaso 68), **Roma—Atalanta: 0–2** (De Roon 69, Zaniolo 89), **Fiorentina—Inter** (soňa süýşürildi)

### BUNDESLIGA (12) — 30 gol

**Sankt-Pauli—Holştaýn: 3–1** (Saliakas 25, Gilýawogi 56, Eggeştaýn 85 — Harres 90+1), **Leipsig—Wolfsburg: 1–5** (Orban 82 — Amura 4, 16, Tomaş 5, Mele 64, Berens 90+1), **Werder—Ştutgart: 2–2** (Nžinma 6, Stage 77 — Demirowiç 20, 85), **Fraýburg—Borussiýa M: 3–1** (Höler 41, 63, Doan 49 — Klýaýndinst 61), **Augsburg—Bohum: 1–0** (Tits 38 p), **Union Berlin—Baýer: 1–2** (U Ýon Çon 29 — Frimpong 2, Şik 71), **Borussiýa D—Bawariýa: 1–1** (Baýnou-Gittens 27 — Musiala 85), **Maýns—Hoffenhaým: 2–0** (Burkardt 4, 24), **Haýdenhaým—Aýntraht: 0–4** (Marmuş 22, 58, Şaibi 49, Ekitike 90+4)

### LIGUE 1 (13) — 28 gol

**Reýms—Lans: 0–2** (Tomasson 23, Nzola 61), **Renn—Sent-Etien: 5–0** (Kalimuendo 39 p, 61, 67 p, Blýas 45+5, Guiri 53), **Brest—Strasbur: 3–1** (Lýalýa 12 p, Laže 45+1, Del Kastilýo 90+2 — Uattara 85), **PSŽ—Nant: 1–1** (Hakimi 2 — Ablin 38), **Monpelie—Lill: 2–2** (Silla 45+2, Norden 90+2 — Dewid 44 p, 54 p), **Tuluza—Oser: 2–0** (King 32, Sierro 39 p), **Lion—Nissa: 4–1** (Lakazett 4, 41, 69 p, Weretu 43 — Diop 22), **Le Hawr—Anže: 0–1** (Abdelli 63), **Marsel—Monako: 2–1** (Luis Enrike 53, Grinwud 89 p — Golowin 41)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 14 | 11 | 2 | 1 | 29-11 | 35 |
| 2 | ÇELSI | 14 | 8 | 4 | 2 | 31-15 | 28 |
| 3 | ARSENAL | 14 | 8 | 4 | 2 | 28-14 | 28 |
| 4 | MAN. SITI | 14 | 8 | 2 | 4 | 25-19 | 26 |
| 5 | BRAÝTON | 13 | 6 | 5 | 2 | 22-17 | 23 |
| 6 | N. FOREST | 14 | 6 | 4 | 4 | 16-16 | 22 |
| 7 | ASTON WILLA | 14 | 6 | 4 | 4 | 22-23 | 22 |
| 8 | TOTTENHAM | 13 | 6 | 2 | 5 | 28-14 | 20 |
| 9 | BRENTFORD | 14 | 6 | 2 | 6 | 27-26 | 20 |
| 10 | NÝUKASL | 14 | 5 | 5 | 4 | 17-17 | 20 |
| 11 | M. ÝUNAÝTED | 14 | 5 | 4 | 5 | 17-15 | 19 |
| 12 | FULHAM | 13 | 5 | 4 | 4 | 18-18 | 19 |
| 13 | BORNMUT | 13 | 5 | 3 | 5 | 20-19 | 18 |
| 14 | WEST HAM | 14 | 4 | 3 | 7 | 18-27 | 15 |
| 15 | EWERTON | 14 | 3 | 5 | 6 | 14-21 | 14 |
| 16 | LESTER SITI | 14 | 3 | 4 | 7 | 19-28 | 13 |
| 17 | KRISTAL PALAS | 14 | 2 | 6 | 6 | 12-18 | 12 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 14 | 1 | 6 | 7 | 13-25 | 9 |
| 19 | W. HEMPTON | 14 | 2 | 3 | 9 | 22-36 | 9 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 14 | 1 | 2 | 11 | 11-30 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 13 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 12 |
| 3 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 9 |
| 4 | Koul PALMER (Çelsi) | 9 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 8 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 16 | 12 | 1 | 3 | 48-17 | 37 |
| 2 | REAL MADRID | 15 | 10 | 3 | 2 | 31-13 | 33 |
| 3 | ATLETIKO M | 15 | 9 | 5 | 1 | 26-8 | 32 |
| 4 | ATLETIK B | 16 | 8 | 5 | 3 | 24-15 | 29 |
| 5 | WILÝARREAL | 14 | 7 | 5 | 2 | 27-23 | 26 |
| 6 | MALÝORKA | 16 | 7 | 3 | 6 | 16-18 | 24 |
| 7 | OSASUNA | 15 | 6 | 5 | 4 | 20-23 | 23 |
| 8 | ŽIRONA | 15 | 6 | 4 | 5 | 22-20 | 22 |
| 9 | R. SOSIEDAD | 15 | 6 | 3 | 6 | 13-11 | 21 |
| 10 | BETIS | 15 | 5 | 5 | 5 | 16-18 | 20 |
| 11 | SEWILÝA | 15 | 5 | 4 | 6 | 14-19 | 19 |
| 12 | SELTA | 15 | 5 | 3 | 7 | 23-27 | 18 |
| 13 | R. WALLEKANO | 14 | 4 | 4 | 6 | 14-16 | 16 |
| 14 | LEGANES | 15 | 3 | 6 | 6 | 14-20 | 15 |
| 15 | LAS PALMAS | 15 | 4 | 3 | 8 | 20-26 | 15 |
| 16 | ALAWES | 15 | 4 | 2 | 9 | 16-25 | 14 |
| 17 | HETAFE | 15 | 2 | 7 | 6 | 10-13 | 13 |
| 18 | ESPANÝOL | 14 | 4 | 1 | 9 | 15-27 | 13 |
| 19 | WALENSIÝA | 13 | 2 | 4 | 7 | 13-21 | 10 |
| 20 | WALÝADOLID | 15 | 2 | 3 | 10 | 10-32 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 15 |
| 2 | RAFINÝA (Barselona) | 11 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 9 |
| 4 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 8 |
| 5 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 8 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 14 | 10 | 2 | 2 | 21-9 | 32 |
| 2 | ATALANTA | 14 | 10 | 1 | 3 | 36-16 | 31 |
| 3 | INTER | 13 | 8 | 4 | 1 | 31-14 | 28 |
| 4 | FIORENTINA | 13 | 8 | 4 | 1 | 27-10 | 28 |
| 5 | LASIO | 14 | 9 | 1 | 4 | 29-17 | 28 |
| 6 | ÝUWENTUS | 14 | 6 | 8 | 0 | 22-8 | 26 |
| 7 | MILAN | 13 | 6 | 4 | 3 | 23-14 | 22 |
| 8 | BOLONÝA | 13 | 5 | 6 | 2 | 18-16 | 21 |
| 9 | UDINEZE | 14 | 5 | 2 | 7 | 16-21 | 17 |
| 10 | EMPOLI | 14 | 3 | 7 | 4 | 10-14 | 16 |
| 11 | PARMA | 14 | 3 | 6 | 5 | 20-22 | 15 |
| 12 | TORINO | 14 | 4 | 3 | 7 | 16-20 | 15 |
| 13 | KALIARI | 14 | 3 | 5 | 6 | 15-24 | 14 |
| 14 | JENOA | 14 | 3 | 5 | 6 | 13-24 | 14 |
| 15 | ROMA | 14 | 3 | 4 | 7 | 14-20 | 13 |
| 16 | LEÇÇE | 14 | 3 | 4 | 7 | 7-22 | 13 |
| 17 | WERONA | 14 | 4 | 0 | 10 | 17-33 | 12 |
| 18 | KOMO | 14 | 2 | 5 | 7 | 14-26 | 11 |
| 19 | MONZA | 14 | 1 | 7 | 6 | 12-17 | 10 |
| 20 | WENESIÝA | 14 | 2 | 2 | 10 | 11-25 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 12 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 9 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 9 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 7 |
| 5 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 6 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 12 | 9 | 3 | 0 | 37-8 | 30 |
| 2 | AÝNTRAHT | 12 | 8 | 2 | 2 | 31-16 | 26 |
| 3 | BAÝER | 12 | 6 | 5 | 1 | 28-19 | 23 |
| 4 | LEIPSIG | 12 | 6 | 3 | 3 | 19-14 | 21 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 12 | 6 | 2 | 4 | 23-19 | 20 |
| 6 | FRAÝBURG | 12 | 6 | 2 | 4 | 16-16 | 20 |
| 7 | MAÝNS | 12 | 5 | 4 | 3 | 20-14 | 19 |
| 8 | WOLFSBURG | 12 | 5 | 3 | 4 | 25-19 | 18 |
| 9 | ŞTUTGART | 12 | 4 | 5 | 3 | 23-21 | 17 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 12 | 5 | 2 | 5 | 18-17 | 17 |
| 11 | UNION BERLIN | 12 | 4 | 4 | 4 | 10--11 | 16 |
| 12 | WERDER | 12 | 4 | 4 | 4 | 19-24 | 16 |
| 13 | AUGSBURG | 12 | 4 | 3 | 5 | 14-23 | 15 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 12 | 3 | 3 | 6 | 17-24 | 12 |
| 15 | SANKT-PAULI | 12 | 3 | 2 | 7 | 10--15 | 11 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 12 | 3 | 1 | 8 | 15-24 | 10 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 12 | 1 | 2 | 9 | 13-31 | 5 |
| 18 | BOHUM | 12 | 0 | 2 | 10 | 10--33 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 14 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 13 |
| 3 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 9 |
| 4 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 8 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Ştutgart) | 7 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 13 | 10 | 3 | 0 | 37-11 | 33 |
| 2 | MARSEL | 13 | 8 | 2 | 3 | 29-17 | 26 |
| 3 | MONAKO | 13 | 8 | 2 | 3 | 22-12 | 26 |
| 4 | LILL | 13 | 6 | 5 | 2 | 21-13 | 23 |
| 5 | LION | 13 | 6 | 4 | 3 | 23-17 | 22 |
| 6 | NISSA | 13 | 5 | 5 | 3 | 24-16 | 20 |
| 7 | LANS | 13 | 5 | 5 | 3 | 15-12 | 20 |
| 8 | OSER | 13 | 6 | 1 | 6 | 21-21 | 19 |
| 9 | REÝMS | 13 | 5 | 3 | 5 | 20-18 | 18 |
| 10 | TULUZA | 13 | 5 | 3 | 5 | 15-14 | 18 |
| 11 | BREST | 13 | 5 | 1 | 7 | 19-23 | 16 |
| 12 | RENN | 13 | 4 | 2 | 7 | 18-19 | 14 |
| 13 | STRASBUR | 13 | 3 | 4 | 6 | 22-27 | 13 |
| 14 | ANŽE | 13 | 3 | 4 | 6 | 14-21 | 13 |
| 15 | SENT-ETIEN | 13 | 4 | 1 | 8 | 11--30 | 13 |
| 16 | LE HAWR | 13 | 4 | 0 | 9 | 10--24 | 12 |
| 17 | NANT | 13 | 2 | 5 | 6 | 15-20 | 11 |
| 18 | MONPELIE | 13 | 2 | 2 | 9 | 13-34 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 10 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 9 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 9 |
| 4 | Ewan GESSAND (Nissa) | 6 |
| 5 | Keýto NAKAMURA (Reýms) | 6 |

## Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Barselona» öz meýdançasynda «Las Palmasdan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. «Barselonany» soňky gezek 1986-njy ýylda, myhmançylykda bolsa 1972-nji ýylda ýeňen «Las Palmasyň» gollaryny Ramires bilen Fabio Silwa geçirdi. Katalonlardan Rafinýanyň goly ýeňşe ýetmedi. Çempion «Real Madrid» öz meýdançasynda «Hetafeni» Bellingam hem-de Mbappeniň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Madridiň beýleki kluby «Atletiko» myhmançylykda «Walýadolidiň» derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi.





Ispaniýanyň Super Kubogy sebäpli 19-njy tapgyryň 2 duşuşygy öňe geçirilip, «Barselona» myhmançylykda «Malýorkany» 5–1 hasabynda utdy. Çempionatda 3 oýundan soň ýeňiş gazanan «Barselonanyň» gollarynyň 2-sini Rafinýa, beýlekileri-de Torres, De Ýong hem-de Pau Wiktor geçirdi. «Atletik Bilbao» bilen «Real Madridiň» arasyndaky oýunda-da ýer eýeleri Berenger (53) hem-de Gurusetanyň (80) gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Mbappeniň (68) penalti salyp bilmedik duşuşygynda «Realyň» ýeke-täk goluny Bellingam (78) geçirdi.

**Germaniýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Bawariýa» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Baýnou-Gittensiň 27-nji minutdaky goly bilen öňe geçen dortmundlylar duşuşygyň tamamlanmagyna 5 minut galanda, Musialanyň goluny saklap bilmediler. Soňky çempion «Baýer» bolsa myhmançylykda «Union Berlinden» 2–1 hasabynda üstün çykdy. «Aýntraht» marokkoly hüjümçisi Omar Marmuşyň 2 gol geçiren oýnunda myhmançylykda «Haýdenhaýmy» 4–0 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň garaşylmadyk netijesi «Leipsig» bilen «Wolfsburgyň» arasyndaky oýunda bellige alnyp, ýer eýeleri öz meýdançasynda 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar boldy.

**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri PSŽ öz meýdançasynda «Nant» bilen Hakimi hem-de Abliniň garşylyklaýyn geçiren gollary esasynda 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. 2–3-nji ýerlerdäki toparlaryň duşuşygynda «Marsel» öz meýdançasynda «Monakony» 2–1 hasabynda ýeňip, 2-nji orna beýgeldi. 41-nji minutda Golowiniň goly bilen öňe geçen «Monakonyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Luis Enrike bilen Grinwud geçirdi. «Ligue 1»-de 13-nji tapgyrda 2 futbolçy het-trik etdi. «Renn» toparynyň «Sent-Etieni» 5–0 hasabynda ýeňen oýnunda Kalimuendo 2-si penaltiden 3 gol geçirdi. Şeýle-de, «Lion» öz meýdançasynda «Nissany» 4–1 hasabynda ýeňip, oýunda tejribeli hüjümçi Lakazett 4-nji, 41-nji we 69-njy (p) minutlarda tapawutlanmagy başardy.

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Napoli» myhmançylykda MakTomineýiň 31-nji minutdaky goly esasynda «Torinony» 1–0 hasabynda ýeňdi. «Atalanta» bolsa myhmançylykda «Romany» De Roon hem-de Zaniolonyň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Myhmançylykda «Leçce» bilen duşuşan «Ýuwentus» Kambiasonyň goly esasynda öňe geçse-de, 90+3-nji minutda ýeňşi elden giderdi we şu möwsümde 8-nji gezek deňme-deň oýnady. «Milan» öz meýdançasynda ümürli geçen howada «Empolini» Morata hem-de Reýndersiň (2) gollary bilen 3–0 hasabynda utdy. «Fiorentina» bilen «Interiň» arasyndaky oýun ýer eýelerinden Boweniň duşuşygyň dowam edýän pursadynda huşuny ýitirmegi sebäpli ýatyryldy.




# «Uly üçlügiň» 2-njisi – Rafael Nadal tennis bilen hoşlaşdy

**Tennis sportunyň ägirtlerinden, «Uly üçlügiň» (Big Three) 2-njisi bolan ispaniýaly Rafael Nadal professional karýerasyny tamamlady. 1986-njy ýylyň 3-nji iýunynda Malýorkanyň Manakor şäherçesinde dünýä inen Rafael Nadal 2001-nji ýyldan 2024-nji ýyla çenli professional derejede tennis oýnady. Karýerasy ýeňişlerden doly bolan Nadal ençeme rekordyň hem eýesidir. Ol ilkinji tennis sapaklaryny agasy (kakasynyň dogany) Toni Nadaldan alýar. Agasy Nadaly 1990-njy ýyldan 2017-nji ýyla çenli türgenleşdirýär.**

**«FRANSIÝA AÇYKDA» 14 ÇEMPIONLYK**

Ol çärýek asyra golaý professional karýerasynda ýekeleýin 92 kubok gazanyp, bu sanawda 5-nji orny eýeleýär. Nadal tennis sportunyň iň uly bäsleşikleri hasaplanýan «Uly tuwalga» ýaryşlarynda 22 gezek çempion bolup, «Uly üçlügiň» 3-njisi Nowak Jokowiçden soň 2-nji orunda barýar. Nadal «Fransiýa Açykda» 14 gezek (2005, 2006, 2007, 2008, 2010, 2011, 2012, 2013, 2014, 2017, 2018, 2019, 2020, 2022) çempionlyk gazanyp, 1 «Uly tuwalgada» iň köp çempion bolan tennisçi adynyň eýesidir. Nadal «Amerika Açykda» 4 (2010, 2013, 2017, 2019), «Wimbledonda» (2008, 2010) hem-de «Awstraliýa Açykda» (2009, 2022) 2 gezek çempion bolmagy başardy. «Uly tuwalgalarynyň» ýanyna 2008-nji ýylda Olimpiýa çempionlygyny hem goşan Nadal «Altyn Uly tuwalga» derejesine ýeten 3 erkek tennisçiniň biridir.

Nadal «Masters» ýaryşlarynda-da 36 çempionlyk bilen bu ugurda-da Jokowiçden soň 2-nji ýerde barýar. Nadal gazanan 92 kubogynyň 63-sini toýunsow kortlarda geçirilen ýaryşlarda asmana göterdi. Ol toýunsow kortlaryň iň uly tennisçisi hasaplanýar.

Nadal 1080 duşuşykda ýeňiş gazanyp (82,6%), 228 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar boldy. Nadal toýunsow kortlarda 2005-2007-nji ýyllar aralygynda yzly-yzyna 81 duşuşykda ýeňiş gazanyp, gaýtalanmasy kyn bolan rekordy goýdy.



Nadal «Uly tuwalgalaryň» finalynda 8, «Masters» ýaryşlarynda-da 17 gezek, jemi 39 bäsleşigiň finalynda utuldy. Ýylyň jemleýji ýaryşy bolan «ATP Finals»-da ýeke çempionlyk hem gazanyp bilmedik Nadal bu ýaryşyň finalynda Rojer Federerden hem-de Nowak Jokowiçden asgyn geldi.

Nadal ATP sanawynda umumylykda 209 hepdeläp 1-nji basgançakda galmagy başardy. Ol bu hasabat boýunça 6-njy ýeri eýeleýär. Nadal milli ýygyndylaryň arasyndaky ýaryş bolan Dewis Kubogyny topardaşlary bilen bilelikde 5 gezek gazandy. Ol 2016-njy ýylda Olimpiýa oýunlarynda erkekleriň arasyndaky jübütleýin ýaryşda-da altyn medala mynasyp bolupdy.

Nadalyň bäsleşiklerden gazanan pul baýragynyň mukdary 135 million dollara golaý bolup, ol Jokowiçden soň 2-nji ýerde barýar. 5 gezek ATP ýylyň oýunçysy baýragyny gazanan Nadal Laureus baýraklarynda-da dürli ugurlarda 4 gezek ýeňiji boldy.

Nadal iň esasy bäsdeşi, şol bir wagtyň özünde iň ýakyn dostlarynyň biri bolan Rojer Federeri 40 duşuşykda 24 gezek ýeňmegi başardy. Jokowiç bilen 60 gezek duşuşan Nadal şol oýunlaryň 31-sinde serbiýaly tennisçiden asgyn geldi.

Soňky 2 ýyldan bäri şikeslerden ejir çekip, ýaryşlara ibaly gatnaşyp bilmedik Nadalyň tennisi taşlamagy onuň muşdaklary üçin gynandyryjy wakalaryň biri boldy. Şweýsariýaly Federer hem Nadalyň tennis bilen hoşlaşmagyndan soň oňa duýguçyl hat ýazyp, oňa mundan beýläk durmuşda uly üstünlikler arzuw etdi.

Nadal ýanýoldaşy Mariýa Fransiska Perelýo Paskual bilen bilelikde tennis akademiýasyny esaslandyryp, geljekki tennisçileri taýýarlaýar.

# Ýene-de 2 topar 1/8 finala çykdy

**AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda 6-njy duşuşyklar geçirildi. Galan 2 tapgyryň duşuşyklary bolsa geljek ýylyň fewral aýynda oýnalar. 6-njy duşuşyklardan soň Günbatar sebitinde 1/8 finala çykan toparlaryň ýene-de 2-si belli boldy. Gündogar sebitinde bolsa entek ilkinji 6 oýundan soň ýeke topara hem wagtyndan öň 1/8 finalda oýnamaga hukuk gazanmak başartmady.**



Günbatar sebitinde öz meýdançasynda Kataryň «Al-Garafa» toparyny Leonardo (18), Mitrowiç (82) hem-de Milinkowiç-Sawiçiň (85) gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňen «Al Hilal» 1-nji orna geçdi. Öz meýdançasynda Esteglal bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnan «Al-Ahli» ilkinji utuklaryny ýitirdi we 2-nji orna düşdi. «Al-Ahli» toparynyň gollarynyň 2-sini hem penaltiden Iwan Touni (45+8, 86) geçirdi. 2 gezek öňe saýlanan «Esteglalyň» adyndan bolsa Rafael Silwa (42) bilen Eslami (51) tapawutlandy.

Myhmançylykda «Al Nassr» toparyny Unasyň 90+9-njy minutda penaltiden geçiren goly esasynda 2–1 hasabynda ýeňen Kataryň «Al Sadd» topary 1/8 finala çykmagy başardy (Saiss 80 ö.d. — Afif 53, Unas 90+9 p). Öz meýdançasynda «Al-Raýýan» topary bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan BAE-niň «Al Wasl» topary-da 1/8 finala çykan 5-nji topar boldy. Bu sebitden 1/8 finala çykjak soňky 3 topar fewral aýyndaky duşuşyklardan soň kesgitlener.

Gündogar sebitde Ýaponiýanyň «Ýokohama F. Marinos» topary myhmançylykda Awstraliýanyň «Sentral Koast Mariners» toparyndan Inue (2), Lopes hem-de Amanonyň gollary esasynda 4–0 hasabynda üstün çykdy. Bu ýeňlişden soň 1 utukly «Sentral Koast Mariners» toparynyň ýaryşy dowam etmek mümkinçiligi galmady. Ýaponlaryň başga bir topary-da bu tapgyrda 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Kawasaki Frontal» topary öz meýdançasynda Hytaýyň «Şandun Taişan» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi.

«Phohan Stilersden» 3–1 hasabynda asgyn gelen «Wissel Kobe» ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Myhmançylykda «Şanhaý Şenhua» toparyny 2–1 hasabynda ýeňen «Ulsan HD» ilkinji ýeňşini gazanyp, häzirlikçe ýaryşda galmagy başardy.



GÜNBATAR SEBITI

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Al Hilal | 6 | 5 | 1 | 0 | 20--6 | 16 |
| 2 | Al-Ahli | 6 | 5 | 1 | 0 | 14--5 | 16 |
| 3 | Al Nassr | 6 | 4 | 1 | 1 | 13--6 | 13 |
| 4 | Al Sadd | 6 | 3 | 3 | 0 | 8--4 | 12 |
| 5 | Al Wasl | 6 | 3 | 2 | 1 | 8--6 | 11 |
| 6 | Persepolis | 6 | 1 | 3 | 2 | 5--6 | 6 |
| 7 | Al-Raýýan | 6 | 1 | 2 | 3 | 6--9 | 5 |
| 8 | Esteglal | 6 | 1 | 2 | 3 | 5--8 | 5 |
| 9 | Pahtakor | 6 | 0 | 4 | 2 | 2--4 | 4 |
| 10 | Al-Garafa | 6 | 1 | 1 | 4 | 7–14 | 4 |
| 11 | Al Ain | 6 | 0 | 2 | 4 | 10--18 | 2 |
| 12 | Al-Şorta | 6 | 0 | 2 | 4 | 4--16 | 2 |

Persepolis – Al-Şorta: 2-1, Al-Ahli – Esteglal: 2-2, Al Wasl – Al-Raýýan: 1-1, Al Nassr – Al Sadd: 1-2, Pahtakor – Al Ain: 1-1, Al Hilal – Al-Garafa: 3-0

GÜNDOGAR SEBITI

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Ýokohama F. Marinos | 6 | 4 | 1 | 1 | 20--9 | 13 |
| 2 | Gwanžu | 6 | 4 | 1 | 1 | 13--7 | 13 |
| 3 | Wissel Kobe | 6 | 4 | 1 | 1 | 10--6 | 13 |
| 4 | Kawasaki Frontal | 6 | 4 | 0 | 2 | 11--4 | 12 |
| 5 | Phohan Stilers | 6 | 3 | 0 | 3 | 11--10 | 9 |
| 6 | Johor Darul Ta'zim | 6 | 2 | 2 | 2 | 9--6 | 8 |
| 7 | Şanhaý Port | 6 | 2 | 2 | 2 | 10--12 | 8 |
| 8 | Buriram Ýunaýted | 6 | 2 | 2 | 2 | 3--9 | 8 |
| 9 | Şanhaý Şenhua | 6 | 2 | 1 | 3 | 9--9 | 7 |
| 10 | Şandun Taişan | 6 | 2 | 1 | 3 | 9–13 | 7 |
| 11 | Ulsan HD | 6 | 1 | 0 | 5 | 3--14 | 3 |
| 12 | Sentral Koast Mariners | 6 | 0 | 1 | 5 | 8--17 | 1 |

S. Koast Mariners – Ýokohama F. Marinos: 0-4, Phohan Stilers – Wissel Kobe: 3-1, Johor Darul Tar'zim – Buriram Ýunaýted: 0-0, Şanhaý Port – Gwanžu: 1-1, Kawasaki Frontal – Şandun Taişan: 4-0, Şanhaý Şenhua – Ulsan HD: 1-2

# UEFA Ýewropa we Konferensiýa Ligalarynyň nobatdaky tapgyry

**UEFA Ýewropa Ligasynda 5-nji duşuşyklardan soň 7 toparyň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär.**

5-nji oýunlarda sanawyň lideri «Lasio» öz meýdançasynda «Ludogores» topary bilen golsuz deňme-deň oýnady. Rim şäheriniň beýleki kluby myhmançylykda «Tottenham» bilen duşuşyp, bu oýun hem deňlikde tamamlandy. 2–2 hasabynda tamamlanan oýunda rimliler soňky minutlarda hasaby deňlemegi başardy (Son 5 p, Jonson 33 — Ndika 20, Hummels 90+1).







Ýeňlişsiz toparlaryň biri, ýöne 12-nji orunda barýan «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Bude-Glimt» toparyndan Garnaço (1) hem-de Hýoýlunnyň (45, 50) gollary esasynda 3–2 hasabynda üstün çykdy. «Real Sosiedadyň» «Aýaksy» 2–0 hasap bilen ýeňen tapgyrynda «Aýntraht» myhmançylykda «Midtýullanny» Larsson hem-de Marmuşyň gollary esasynda 2-1 hasabynda utdy. «Lion» myhmançylykda «Garabagy», «Reýnjers» bolsa «Nissany», «Ferenswaroş» öz meýdançasynda «Malmöni» 4–1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Ýeňlişsiz ýoluny dowam edýän Bilbaonyň «Atletik» topary öz meýdançasynda «Elfsborgyň» derwezesinden jopapsyz 3 gol geçirdi.

Ýaryşyň 6-njy duşuşyklary 11-12-nji dekabrda oýnalar.

* * *

UEFA Konferensiýa Ligasynda sanawyň lideri «Çelsi» 4-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. Myhmançylykda «Haýdenhaým» bilen duşuşan londonlylar Nkunku (51) we Mudrygyň (86) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Çelsi» bilen bir hatarda, 5 toparyň hem ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. Şolaryň 2-si polýak klublarydyr. Ýeke utuk hem ýitirmän gelýän Warşawanyň «Legiýa» topary myhmançylykda Kipriň «Omoniýa» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. Paýtagt Warşawanyň wekili 4 duşuşygynda-da gol geçirtmedi. Polşanyň çempiony «Ýagelloniýa Belostok» topary myhmançylykda Sloweniýanyň «Selýe» topary bilen 3–3 hasabynda deňme-deň oýnady. Mundan öňki 2 ýaryşyň finalçysy Italiýanyň «Fiorentina» topary öz meýdançasynda Kipriň «Pafos» toparyny kynlyk bilen 3–2 hasabynda ýeňmegiň hötdesinden geldi. Awstriýanyň paýtagty Wenada ýerli «Rapid» bilen Irlandiýanyň «Şamrok Rowers» toparlary 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, iki klub hem ýeňlişsizligini dowam etdirdiler.

Geçirilen 4-nji duşuşyklardan soň «Çelsi», «Legiýa», «Ýagelloniýa», «Rapid», «Witoriýa» toparlary indiki tapgyra çykmagy başardy. Olar ýaryşy ilkinji 24 toparyň arasynda tamamlamaga hukuk gazandylar.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Lasio | 5 | 4 | 1 | 0 | 11-2 | 13 |
| 2 | Atletik Bilbao | 5 | 4 | 1 | 0 | 9-2 | 13 |
| 3 | Aýntraht | 5 | 4 | 1 | 0 | 10-5 | 13 |
| 4 | Galatasaraý | 5 | 3 | 2 | 0 | 13-9 | 11 |
| 5 | Anderleht | 5 | 3 | 2 | 0 | 9-5 | 11 |
| 6 | Aýaks | 5 | 3 | 1 | 1 | 13-3 | 10 |
| 7 | Lion | 5 | 3 | 1 | 1 | 12-5 | 10 |
| 8 | Reýnjers | 5 | 3 | 1 | 1 | 12-6 | 10 |
| 9 | Tottenham | 5 | 3 | 1 | 1 | 10-6 | 10 |
| 10 | FKSB | 5 | 3 | 1 | 1 | 7-5 | 10 |
| 11 | Ferenswaroş | 5 | 3 | 0 | 2 | 11-5 | 9 |
| 12 | Mançester Ýunaýted | 5 | 2 | 3 | 0 | 10-7 | 9 |
| 13 | Wiktoriýa Plzen | 5 | 2 | 3 | 0 | 9-7 | 9 |
| 14 | Olimpiakos | 5 | 2 | 2 | 1 | 5-3 | 8 |
| 15 | Fenerbahçe | 5 | 2 | 2 | 1 | 7-7 | 8 |
| 16 | Real Sosiedad | 5 | 2 | 1 | 2 | 7-6 | 7 |
| 17 | Bude-Glimt | 5 | 2 | 1 | 2 | 8-8 | 7 |
| 18 | Braga | 5 | 2 | 1 | 2 | 7-7 | 7 |
| 19 | AZ Alkmaar | 5 | 2 | 1 | 2 | 7-7 | 7 |
| 20 | Midtýullann | 5 | 2 | 1 | 2 | 5-5 | 7 |
| 21 | Roma | 5 | 1 | 3 | 1 | 5-5 | 6 |
| 22 | Beşiktaş | 5 | 2 | 0 | 3 | 5-11 | 6 |
| 23 | Porto | 5 | 1 | 2 | 2 | 10-10 | 5 |
| 24 | Ýunion Sent-Žilluaz | 5 | 1 | 2 | 2 | 3-4 | 5 |
| 25 | Hoffenhaým | 5 | 1 | 2 | 2 | 5-8 | 5 |
| 26 | Slawiýa Praga | 5 | 1 | 1 | 3 | 4-5 | 4 |
| 27 | PAOK | 5 | 1 | 1 | 3 | 5-8 | 4 |
| 28 | Elfsborg | 5 | 1 | 1 | 3 | 7-11 | 4 |
| 29 | Twente | 5 | 0 | 3 | 2 | 4-7 | 3 |
| 30 | Malmö | 5 | 1 | 0 | 4 | 4-10 | 3 |
| 31 | Makkabi Tel Awiw | 5 | 1 | 0 | 4 | 5-12 | 3 |
| 32 | Garabag | 5 | 1 | 0 | 4 | 4-13 | 3 |
| 33 | Ludogores Razgrad | 5 | 0 | 2 | 3 | 1-6 | 2 |
| 34 | RFS | 5 | 0 | 2 | 3 | 4-10 | 2 |
| 35 | Nissa | 5 | 0 | 2 | 3 | 5-12 | 2 |
| 36 | Dinamo Kiýew | 5 | 0 | 0 | 5 | 1-12 | 0 |

**UEFA Ýewropa Ligasynda 5-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

**Atletik Bilbao – Elfsborg: 3-0, AZ – Galatasaraý: 1-1, Beşiktaş – Makkabi T.: 1-3, Dinamo Kiýew – Wiktoriýa Plzen: 1-2, RFS – PAOK: 0-2, Garabag – Lion: 1-4, Anderleht – Porto: 2-2, Lasio – Ludogores: 0-0, Midtýullann – Aýntraht: 1-2, Twente – Ýunion Sent-Žilluaz: 0-1, Ferenswaroş – Malmö: 4-1, FKSB – Olimpiakos: 0-0, Mançester Ýunaýted – Bude-Glimt: 3-2, Nissa – Reýnjers: 1-4, Real Sosiedad – Aýaks: 2-0, Braga – Hoffenhaým: 3-0, Slawiýa Praga – Fenerbahçe: 1-2, Tottenham – Roma: 2-2**

**UEFA Konferensiýa Ligasynda 4-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

**Istanbul BŞ – Petrokub Hynçeşty: 1-1, Astana – Witoria de Gimaraýnş: 1-1, Haýdenhaým – Çelsi: 0-2, Serkl Brýugge – Hart of Midlotian: 2-0, Dinamo Minsk – Kopengagen: 1-2, Noa – Wikingur Reýkýawik: 0-0, Sankt-Gallen – TSS: 2-2, Boras Banýa Luka – LASK: 2-1, Molde – APOEL: 0-1, Selýe – Ýagelloniýa Belostok: 3-3, Panatinaikos – HIK: 1-0, Nýu-Seýnts – Ýurgorden: 0-1, Fiorentina – Pafos: 3-2, Lugano – Gent: 2-0, Mlada Boleslaw – Betis: 2-1, Olimpiýa Lýublýana – Larn: 1-0, Omoniýa – Legiýa Warşawa: 0-3, Rapid Wena – Şamrok Rowers: 1-1**

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Çelsi | 4 | 4 | 0 | 0 | 18-3 | 12 |
| 2 | Legia Warşawa | 4 | 4 | 0 | 0 | 11-0 | 12 |
| 3 | Ýagellonia Belostok | 4 | 3 | 1 | 0 | 10-4 | 10 |
| 4 | Rapid Wena | 4 | 3 | 1 | 0 | 7-2 | 10 |
| 5 | Witoria de Gimaraýnş | 4 | 3 | 1 | 0 | 8-4 | 10 |
| 6 | Fiorentina | 4 | 3 | 0 | 1 | 10-6 | 9 |
| 7 | Olimpiýa Lýublýana | 4 | 3 | 0 | 1 | 6-2 | 9 |
| 8 | Lugano | 4 | 3 | 0 | 1 | 7-4 | 9 |
| 9 | Haýdenhaým | 4 | 3 | 0 | 1 | 5-3 | 9 |
| 10 | Şamrok Rowers | 4 | 2 | 2 | 0 | 8-4 | 8 |
| 11 | Serkl Brýugge | 4 | 2 | 1 | 1 | 9-5 | 7 |
| 12 | Ýurgorden | 4 | 2 | 1 | 1 | 6-5 | 7 |
| 13 | APOEL | 4 | 2 | 1 | 1 | 4-3 | 7 |
| 14 | Wikingur Reýkýawik | 4 | 2 | 1 | 1 | 5-5 | 7 |
| 15 | Boras Banýa Luka | 4 | 2 | 1 | 1 | 4-4 | 7 |
| 16 | Pafos | 4 | 2 | 0 | 2 | 7-5 | 6 |
| 17 | Hart of Midlotian | 4 | 2 | 0 | 2 | 4-5 | 6 |
| 18 | Gent | 4 | 2 | 0 | 2 | 5-7 | 6 |
| 19 | Kopengagen | 4 | 1 | 2 | 1 | 6-6 | 5 |
| 20 | Selýe | 4 | 1 | 1 | 2 | 10-9 | 4 |
| 21 | TSS | 4 | 1 | 1 | 2 | 6-7 | 4 |
| 22 | Betis | 4 | 1 | 1 | 2 | 4-5 | 4 |
| 23 | Astana | 4 | 1 | 1 | 2 | 2-4 | 4 |
| 24 | Panatinaikos | 4 | 1 | 1 | 2 | 4-7 | 4 |
| 25 | Sankt-Gallen | 4 | 1 | 1 | 2 | 8-13 | 4 |
| 26 | Noa | 4 | 1 | 1 | 2 | 2-9 | 4 |
| 27 | Molde | 4 | 1 | 0 | 3 | 4-6 | 3 |
| 28 | Omoniýa | 4 | 1 | 0 | 3 | 4-6 | 3 |
| 29 | Nýu-Seýnts | 4 | 1 | 0 | 3 | 3-5 | 3 |
| 30 | Mlada Boleslaw | 4 | 1 | 0 | 3 | 3-6 | 3 |
| 31 | HIK | 4 | 1 | 0 | 3 | 1-6 | 3 |
| 32 | LASK | 4 | 0 | 2 | 2 | 3-6 | 2 |
| 33 | Istanbul BŞ | 4 | 0 | 2 | 2 | 5-10 | 2 |
| 34 | Petrokub Hynçeşty | 4 | 0 | 1 | 3 | 2-10 | 1 |
| 35 | Dinamo Minsk | 4 | 0 | 0 | 4 | 2-9 | 0 |
| 36 | Larn | 4 | 0 | 0 | 4 | 2-10 | 0 |

TURKMEN TERMINAL
+993 12 21 72 97
info@tmter.biz
www.tmter.biz
#turkmenterminal
* Ähli töleg usullaryny we aragatnaşyksyz tölegi amala aşyrmak mümkinçiligi bar.
* Terminalyň işleýşi üznüksiz bank bilen birikme we uzak möhletli batareýa bilen üpjün edilýär.
* Söwdagärleriň gündelik isleglerini kanagatlandyrmak üçin ygtybarly we elýeterli enjam.
* Restoranlar, lomaý we bölek dükanlar, eltip bermek hyzmatlar, hyzmat ediş çäkleri üçin.

Gözelprint
Gözelligiň kagyzdaky nusgasy
ÇAPHANA HYZMATLARY WE ÖNÜMLERI
1. Taslama we dizaýn işleri.
2. CTP plastinalaryny taýýarlamak.
3. Ofset usulynda çap etmek.
4. Çapdan soňky işler: tikmek, şekile görä kesmek we kongrew, termopereplýot, falsowka, begowka, laminasiýa, laklamak.
5. Çaphana önümleriniň dürli görnüşlerini taýýarlamak: flaýerler, bukletler, kataloglar, plakatlar, sowgatlyk korobkalar, etiketkalar, senenamalar, kitapçalar, depderçeler we beýlekiler.
Aşgabat ş., Bagtyýarlyk etrap, 2057-nji köçe, jaý 16.
(+99312) 90-72-69. gozelprint@mail.ru

Abuna – 2025
ZAMAN INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
«Zaman-Türkmenistan» gazetine
ABUNA ÝAZYLYŞYGY DOWAM EDÝÄR
Gazete ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!
(+99312) 28-14-05
(+99312) 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm

